# GIRIŞ

Mähriban Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow halkymyzyň berkarar döwletimiziň täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamyny döreden, ony ylmy taýdan esaslandyran, ruhy taýdan birkemsiz kämilleşdiren şeýle ajaýyp eýýamy günsaýyn rowaçlandyrýan, tutuş milletimiziň, dünýäniň öňünde hemişelik röwşen ýol goýan belent mertebeli taryhy şahsyýetdir.

Milletimiziň Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň öňdengörüjilikli, parasatly syýasaty netijesinde ýurdumyzda amala aşyrylýan beýik özgertmeleriň halkymyz tarapyndan giňden goldanylmagy bolsa döwletimiziň durmuş-ykdysady ösüşinde ýokary netijeleriň gazanylmagyna, belent sepgitleriň eýelenilmegine, Bitarap watanymyzyň dünýä bileleşiginde mynasyp orun eýeläp, abraý-mertebisiniň barha artmagyna we pugtalanmagyna ýardam edýär.

Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda türkmen medeniýeti we sungaty ösüşiň täze derejelerine göterildi.

Halkymyzyň ruhy gymmatlyklaryna öwrülen çeperçilik taýdan kämil sungat eserleriniň döredilmegi, paýtagtymyz gözel Aşgabatda we ýurdumyzyň welaýatlarynda dünýä ülňülerine laýyk gelýän medeni maksatly binalaryň gurulmagy türkmen medeniýetiniň we sungatynyň has-da gülläp ösmegine, onuň milli aýratynlyklarynyň Ýer ýüzünde giňden wagyz edilmegine uly mümkinçilik döredýär.

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen halkymyzyň geçmiş mirasy dünýä halklaryna giňden tanadylýar. Bu ugurda milli Liderimiziň başlangyjy boýunça yzygiderli geçirilýän halkara ylmy forumlarynyň uly ähmiýetiniň bardygyny aýtmak gerek. Şeýle ähmiýetli çäreleriň birnäçesiniň gönüden-göni ýurdumyzyň we halkymyzyň geçmiş taryhyna bagyşlanyp geçirilmegi bolsa,

taryhy hem miraslarymyzy dünýä jemgyýetçiligine wagyz etmekde juda ähmiýetli boldy. Şoňa görä-de, türkmen döwleti indi özüniň baý taryhy we gadymy medeni mirasy bilen dünýä halklaryna mälimdir.

Türkmenistan Garaşsyz döwlet bolmagy bilen, ýurdumyzyň taryhyny öwrenmäge höwes hem artdy. Türkmenistanyň taryhy ýurdumyzda ilkinji gezek Milli Galkynyş şertlerinde özbaşdak doly kurs hökmünde mekdeplerde we ýokary okuw jaýlarynda täzeçe okadylyp başlanýar.

Islendik adamyň maddy we ruhy döredijiligi bir adamdan başga bir adama gelip çykyşy boýunça däl-de ol ýa-da beýleki usul bilen geçýär. Medeniýet köplenç däp-dessurlaryň çäginde ýerleşýär. Ýöne onuň üýtgemegi çalt depginde diffuziýanyň ýa-da ýerli ösüşiň daşdan täsir etmegi netijesinde bolup geçýär.

Eger-de belli bir çäk üçin şol döwre haýsy-da bolsa bir topara mahsus bolup, wagt we giňişlik bilen çäklendirilen bolsa oňa medeniýet diýilýär. Ol haýsy-da bolsa bir adamzat jemgyýetine niýetlenendir. Maddy däl aýratynlyklary uly ähmiýete eýe bolup, ýöne arheologiki taýdan diňe maddy ýagdaýy görkezilýär.

Medeniýet - sözüň giň manysynda tebigat hadysalaryndan tapawutlanyp, adamlaryň fiziki we akyl zähmeti bilen adamzat jemgyýetinde döredilen we döredilýän ähli zat. Sözüň dar manysynda „Medeniýet“ termini adamlaryň diňe ruhy durmuşyna degişli edilýär. Ruhy medeniýet jemgyýetiň we onuň önümçilik usullarynyň her bir täze ösüşi döwründe üýtgeýär. Synpy jemgyýetde medeniýet synpy häsiýetlidir. Her bir jemgyýetçilik gurluşynda agalyk ediji synpyň medeniýeti agalyk ediji medeniýet bolýar. Agalyk ediji synpyň medeniýeti bilen bir hatarda täze, öňde baryjy synpyň medeniýetiniň elementleri ösýär.

Medeniýet „taryha çenli“ gurulýan kerpiç bolup durýar. Ýöne gynansakda ondan alynýan maglumatlar köp halatda

çäklendirilendir. Ýazgy çeşmeleriniň we etnografiýa zamanlarynyň mysallary medeniýet bilen etnosyň (halkyň) gabat gelmeginiň her wagtda dürs däldigini görkezýär. Haýsy-da bolsa bir düşünjäniň esasy alamatlaryny beýän edýän gysgaça logiki kesgitleýşiniň meselesi gatyşyk we yzygiderli medeniýetleriň ýüze çykmagynda elmydama döräpdirler.

Taryh geçen hem-de öwrenilen wakalar hakynda gürrüň diýmekdir. Şol gürrüň adamzadyň taryhy hem-de tebigatyň taryhy diýip şahalanýar. Taryh bütewiligine ösýän umumy prosesdir.

Gadymy sungatynyň bütindünýä taryhy ähmiýetli waka hasaplamak bolar. Şekillendiriş mirasynda taryhyň başlangyç filosofiýasynyň esaslandyrmagy geň galdyryjy beýik çeperçilik üstünlikleriniň repertuary sazlaşykly bolupdyr. Onda paleologiki animatizm höküm sürüp, ol özünde mifiki-hyýaly oý pikirleri jemläpdir. Ikinji bir toplum antrpomorf bolup, onda urug jemgyýetiniň durmuşy we tebigat bilen toplumlaýyn öndürijilik aragatnaşygy beýan edilipdir. Bu iki ugurda sýužet, belgi we nagyş görnüşleri bolupdyr.

Türkmenistan gadymy medeniýetli ýurt. Bu ýurduň çäklerinde adamzat jemgyýetiniň poleolit zamanynda emele gelipdir. B.e.öňki VI-V müňýyllyklarda Köpetdagyň eteklerinde gadymy ekerançylaryň medeniýeti döräpdir. B.e.öňki III-II müňýyllyklarda ol medeniýet gülläp ösüşe ýetipdir. B.e.öňki II müňýyllykda bu ýerde ilkinji şäherler emele gelipdir. Geçmişiň köp sanly ýadygärlikleri - gadymy şäherleriň, galalaryň, howlularyň harabaçylyklary, ajaýyp orta asyr jemgyýetçilik desgalary - metjitler, medreseler, kerwennsaraýlar saklanyp galypdyr, olara halk ussatlaryň - gurluşyçyklaryň, haşamçylaryň ajaýyp sungaty siňdirilipdir. Topragyň aşagynda maddy medeniýetiň ýadygärlikleri - diwary suratly gurluşyklaryň galyndylary, heýkel, keramika, durmuş zatlary we birentek beýleki zatlar gömülip galypdyr.

Bularyň hemmesi türkmen halkynyň we onuň ata-babalarynyň zada öwrülen müňlerçe ýyllyk medeniýetidir.

Irki medeniýetleriň biri bolan Gadymy Müsürde medeniýet, ylym, bilim, hat ýazuwy, sungat çalt ösüpdir. Gadymy Müsüriň medeniýeti din bilen ysnyşykly baglanyşykly bolupdyr. Gadymy Müsürde hat-ýazuw b.e.öňki IV-III müňýyllyklarda müsürlilerde adamyň ýadynda saklap biljeginden we beýlekilere dilden aýdyp berip biljeginden köp bilimler toplanypdyr. Hat-ýazuwa mätäçlik ýüze çykypdyr. Ilkibada Müsürliler öz aýtjak bolýan zadynyň diňe suratyny çekipdirler. Soň-soňlar belgiler bilen tutuş sözler belgilenmän, bir ýa-da birnäçe çekimsiz sesleri hem belgiläp başlapdyrlar. Müsürde döwketiň döremegi bilen hat-ýazuw gutarnykly emele gelipdir. Belgi-suratlara ieroglifler diýilýär. Müsür hat ýazuwynda 750-ä golaý ieroglif ulanylypdyr. Kada hökmünde, olary daşyň we agajyň ýüzüne oýup ýazypdyrlar. Gadymy Müsürlilerde örän irki döwürlerde dörändigi sebäpli, olarda ýokary derejedäki ylym-bilimler bolupdyr. Ilkinji matematika, ýagny, arifmetika, geometriýa hem Müsürliler esaslandyrypdyrlar.

Müsürliler suw joşmasyndan öňürti her ýyl asmanda ýyldyzlaryň birmeňzeş ýagdaýda bolýandygyny aňypdyrlar. Bu gözegçilikler esasynda asman jisimleri öwrenýän ylym bolan astronomiýa baradaky ilkinji bilimler emele gelipdirler. Müsürliler özleriniň astronomiki bilimleriniň esasynda kalendar düzüpdirler. Bu suw joşguny bilen beýlekisiniň başlanmagyna çenli bolan wagty olar bir ýyl hasaplapdyrlar, ony bolsa 12 aýa bölüpdirler. Müsürlileriň hasaplamagyna görä, ýylda 365 gün bolupdyr. Olar her güni 12 sagada, gijäni hem şonça bölüpdirler.

Gadymy müsürliler sungat eserlerinde özleriniň diňe bir ýaşaýşyny ýazyp beýan edip, görkezmekden başga, öz dini ynançlaryny we garaýyşlaryny hem beýan edipdirler. Irki

döwürlerde Müsürde daglardan daş böleklerini goparyp beýikligi 150 metre golaý bolan piramidalar gurlupdyr. B.e.öň II müňýyllykda Müsürde piramidalar gurmagy bes edipdirler. Gaýada daşlary çapyp, ençeme otagdan ybarat gubur ýasapdyrlar. Guburyň içine ol ýerde jaýlanýan adamyň daşdan gyrdalyp ýa-da agaçdan edilen heýkelleri goýupdyrlar. Merhumy gudratly görnüşde şekillendiripdirler. Müsür heýkeltaraşlary adam ýüzüni şekillendirmekde uly ussatlyk gazanypdyrlar. Heýkellere dürli reňkler bilen reňklenen hrustal we reňkli daşlardan göz oturdylypdyr. Suratkeşler guburlaryň diwarlarynyň ýüzünden hojalygy şekillendirýän suratlary çekipdirler.

Müsürde daşdan bolan ybadathanalar müňlerçe ýyllaryň dowamynda ýykylman galypdyr. Ybadathananyň öňünde we içinde adam boýundan 5-6 esse uzyn heýkeller goýulypdyr. Diwarlaryň we daş sütünleriň ýüzünde faraonlaryň (müsür patyşalarynyň) äpet şekilleri oýulyp çekilipdir. Nil derýasynyň boýundaky gaýanyň daşlaryny çapyp ybadathananyň ähli böleginden: howludan, sütünli zaldan hem şemhanadan ybarat gowak ýasapdyrlar. Girelgäniň öňünde faraonyň daşdan ýonulyp ýasalan heýkelleri bolupdyr.

B.e.öňki IV-III müňýyllyklarda ýewfrat derýasynyň kenarynda onuň orta akymynda Wawilon şäheri döräpdir.

Arheologlar tarapyndan gazuw-agtaryş netijesinde ol ýerde köşkleriň harabalarynyň ýadygärlikleri galypdyr. Ol ýerde köşk emeli usul bilen galdyrylan baýryň üstünde gurlupdyr. Onuň daşynda berk gala diwarlary aýlanypdyr. Onuň işiginde goragçy hökmünde adam kelleli, ganatly öküzleriň daşdan gyrdalyp ýasalan äpet şekilleri oturdylypdyr. Köşgüň diwarlarynyň içki ýüzi ýüzüne oýulyp relýef çekilipdir. Daş plitalar bilen örtülipdir. Heýkeltaraşlar dürli durmuşy şekilleri şekillendiripdirler.

B.e.öň VII-VI asyrlarda Wawilon arhitekturasy boýunça ýokary göterilipdir. Şäheriň merkezinde ybadathananyň beýikligi

90 metre ýetýän 7 gat diň bolupdyr. Wawilonlaryň dini ynançlaryna görä ol ýer bilen asmany birleşdirýär diýip hasaplanypdyr. Onuň iň ýokarky gatyna altyn reňk çaýylypdyr. Köşgüň golýanyda ybadathanalar, baglara bürenip oturan uly kaşan jaýlar ýerleşipdir.

Wawilonlylar astronomiýa boýunça bilimler esasynda kalendar düzüpdirler. Aýy dykgat bilen synlap, ýeriň daşynda aýyň aýlanýan wagtyny bir aý hasap edipdirler. Ony hersi 7 günden ybarat 4 bölege bölüpdirler. Şeýlelik bilen hepde emele gelipdir. Her gije-gündizi sagatlara we minutlara bölüpdirler. Wawilonlylar Aýyň we Günüň haçan tutuljakdygyny öňünden aýtmagy hem başarypdyrlar.

B.e.öň V-IV asyrlarda ellin sungaty ýokary derejede gülläp ösüpdir. Grekler öz şäher döwletiniň jemgyýetçilik ýerleri we jaýlaryny, ybadathanalaryň gözelligi hem-de belent mertebesi hakynda aladalanypdyrlar. Döwlet gaznasy ybadathanalarda saklanypdyr. Şonuň üçin ellin binagärçiliginiň esasy sypatlary ybadathanalaryň gurluşygynda has doly ýüze çykypdyr. Grek şäherleriniň ähli ýerlerinde ybadathanalarda, köçelerde, meýdançalarda heýkelleri oturdypdyrlar. Heýkeltaraşlar olary agaçdan kesip ýasapdyrlar, mermerden ýonup ýasapdyrlar, bürünçden guýupdyrlar. Mermerden ýasalan heýkeller adam bedenine meňzeş reňk bilen reňklenipdir, bürünç heýkellere bolsa reňkli daşlardan göz ýasapdyrlar. Heýkeltaraşlar adamyň diňe bir gözelligi däl, eýsem, merdanalygyny, edermenlik görkezmäge taýýardygyny hem görkezmäge çalşypdyrlar.

Jemgyýetçilik jaýlarda tapawutlylykda grekleriň ýaşaýyş jaýlary ýönekeý bolupdyr, olar jaýlarynyň wazalary we toýundan bişirilip ýasalan heýkeljikler bilen bezemegi gowy görüpdirler. Wazalaryň formalary dürli we owadan bolupdyr. Suratkeşler wazalaryň ýüzüne öz zamanynyň ýaşaýşyndan, rowaýatlardan

sahnalary çekipdirler.

B.e.öň V asyrda ellin sungatynyň esasy merkezi Afinyda ýerleşipdir. Grekler baýramçylyk günleri sport ýaşlaryny - oýunlary gurapdyrlar. Peleponnesiw gözel jülgesinde ýerleşen Olimpiýada geçirilýän oýunlar has-da meşhur eken. Oýunlar Olimpiýa Zewsiniň hormatyna dört ýylda bir gezek geçirilýär eken. Grekler üçin Olimpiýa mukaddes ýer hasaplanypdyr. Onuň ortasynda äpet ybadathana bolup, onuň içinde Zewsiň ägirt uly statuýasy duran eken, ony Fidiý ýasapdyr. Heýkel edil Afinanyň Parfenondaky heýkeliniň ýasalyşy usulda ýasalypdyr. Zewsiň ybadathanasynyň töwerek daşynda bolsa beýleki jaýlar we hudaýlaryň, gahrymanlaryň hem-de oýunlarda üstün çykanlaryň heýkelleri ýerleşipdir. Grekler ýyl hasabyny ilkinji olimpiýa oýunlarynyň bolan wagtyndan başlap ýöredip başlapdyrlar. Rowaýat görä, ilkinji Olimpiýa oýunlary b.e.öň 776-nji ýylda bolan eken.

Grek medeniýetiniň gülläp ösen wagtyndan bäri 2400 ýyla golaý wagt geçipdir, ýöne ol bütin dünýäde medeniýetiň mundan beýläk-de ösmegine ägirt uly täsir edipdir.

Grek-hat ýazuwy ençeme elipbiý, şol sanda rus elipbiýi üçin hem esas bolup hyzmat edipdir. Gadymy grekler ylmy ösdürmekde öňe uly ädim ädipdirler. Gresiýa teatryň watany bolupdyr.

Gadymy grekleriň gurluşyklary we statuýalary nusga bolup hyzmat edipdirler, soňky döwürleriň arhitektorlary we skulptorlary olardan tälim alypdyrlar.

Adamlaryň has köp mukdary hut şu ýerde medeniýeti döretmeklige gatnaşypdyrlar. Grek şäherleri özleriniň haýsy ýerde ýerleşýändiklerine garamazdan, bir-birleri bilen medeni aragatnaşygy saklapdyrlar. Birentek ýurtlara pytran gadymy grekler umumy ellin medeniýetini döredipdirler, şol medeniýet bolsa goňşy halklaryň mdeniýetiniň hem ençeme gazananlaryny öz içine alypdyr.

## Irki medeniýetler

Taryh - munuň özi adamlaryň asyrlar boýy toplan tejribeleriniň jemidir. Dünýä ýollarynyň çatrygynda örän amatly ýerde ýerleşen Türkmenistan geçmişiň uly taryhy wakalarynyň jümmüşinde bolupdyr. Bu toprak adamzat medeniýetiniň örän gadymy gülläp ösen ojaklarynyň biridir.

Günbatar Türkmenistanda gadymy daş asyrynda adamzat jemgyýetiniň bolandygy arheologlar tarapyndan tapylan taryhy tapyndylar şaýatlyk edýär. Dag etegindäki etraplardaky ýaşalan gowaklarda Jebel stansiýasynyň ýanyndaky gowak, Dam-dam çeşme gowak, Gaýly gowak orta daş asyry zamynyndaky adamlaryň ýaşaýşyny häsiýetlendirýärler.

Adamzat ilkidurmuş döwründe tebigata tabyn bolupdyr. Tebigatyň taýýar önümini peýdalanypdyr. Adamlar tebigaty özleşdirip bilmändirler. Tebigatyň bir ýerde amatly, bir ýerde amatsyz bolmagy adamlaryň göçüp-gonup ýörmegine getiripdir.

Ilkidurmuş adamlary aw awlamak bilem meşgul bolupdyr. Adamlar öküz, sugun, gylýal sürülerini awlapdyrlar. Aw awlamak adamlara diňe azyk bermek bilen çäklenmän, olar derilerden ýyly egin-eşik tikipdirler. Adamlaryň ilkinji ýaşan mekany bolan gowaklar olary ýagyşdan, ýelden we gardan gorapdyr. Adamlar düzlüklerden mamontlaryň süňklerinden hem-de syryklaryndan özlerine külbe gurupdyrlar we olaryň üstüni haýwanlaryň derisi bilen basyrypdyrlar.

Adamlarda şol döwürlerde sungatyň döremegi ýüze çykyş başlapdyr. Demirgazyk Türkmenistanyň sähralyk etraplarynda hem daş asyry zamanynda adamlaryň ýaşan ýerleri tapylýar. Ol ýerlerde arhitekturanyň, medeniýetiň döremeginiň ilkinji alamaty bolan

ýarym ýerküme we kepbe jaýlaryň galyndylary türkmen medeniýetiniň taryhyny bolandygyny habar berýär.

Adamlar şahdan kesip şekiljikleri ýasapdyrlar, süňküň ýüzüne şekiller çekipdirler, gowaklaryň diwarlarynyň ýüzüne tapylan reňkler bilen reňkläp tutuş giden wakany şekillendiripdirler. Olar özleri üçin iňňän möhüm zatlary, köplenç öz awlan haýwanlaryny şekillendiripdirler. Gadymy suratkeşler haýwanlaryň diňe bir daş keşbini dogruçyl şekillendirmän, eýsem, olaryň bolşuny - sugunyň duýgurlygyny, atyň çalt çapyşyny, ýolbarsyň bökmäge taýýarlanyşyny, ýaralanan ýabany öküziň gahar-gazaba atlanşyny hem şekillendiripdirler. Adam haýwanlary şekillendirmek bilen hem özleri olara belet bolupdyr hem-de öz bilimlerini ýaş awçylara öwredipdir.

Täze daş asyry - neolit zamanynda (b.e.öň VI-V müň ýyllyk) günorta Türkmenistanda adamlar haýwanlary eldekileşdirip başlapdyrlar. Däneli ösümlikleri ösdürip, ýetişdirmegi öwrenipdirler we oturymly ýaşaýşa geçipdirler. Şol wagtlarda hem palçykdan ýaşaýyş jaýlary gurup başlapdyrlar.

Jebel gowagyndan tapylan daş gurallarynyň giçki mezolide, keramiki önümleriň bolsa neolit döwrüniň irki we giçki neolit döwürlerine, irki bürünç asyryna degişlidigi-de onuň aýdyň subutnamasydyr. Bu tapyndylar günbatar Türkmenistanyň ýerlerinde iň gadymy döwürden başlap ýaşaýşyň üznüksiz dowam edendigini, adamlaryň dürli taryhy döwürlerde özboluşly ýaşaýyşlarynyň, zähmet gurallarynyň, medeniýetiniň bolandygyny anyklamaga ýardam edýär.

Hazaryň ýakasyndaky Gubaseňir gaýaly belentliginiň düýbünde irki neolit döwrüne degişli bolan monjuk ýasalýan ussahanasy tapylyp, ondaky balykgulakdan ýasalan monjuklaryň köpüsi birmeňzeşräk. Neolit zamanynda günbatar, demirgazyk we

günorta Türkmenistanda ýaşan adamlarynyň medeniýeti düýpli tapawutlanypdyr.

Taryh ylmynda demirgazyk Türkmenistanda ýaşan neolit adamlarynyň medeniýeti merkezi Aziýanyň uly bölegini tutan Kelteminar medeniýetine meňzeş hasaplanylýar. „Kelteminar medeniýeti“ adynyň gelip çykyşy Garagalpagystandaky Kelteminar kanaly bilen baglynyşyklydyr. Çünki, bu medeniýete degişli ýadygärlikler ilkinji gezek şol kanalyň ýakalaryndan tapylýar. Kelteminar medeniýetine degişli ilat köp halatda suwa golaý ýerlerde wagtlaýyn düşelgelerde ýaşapdyrlar. Çünki, olaryň awçylyk bilen meşgullanan ýaşaýjylary ýygy-ýygydan başga ýerlere göçüp, aw etmek we balyk tutmak üçin amatly ýerde ýerleşen düşelgelere dolanyp gelipdirler. Kelteminar medeniýetine degişli ýadygärliklerden şol döwrüň ýaşaýyş jaýlarynyň galyndylarynyň, daşdan ýasalan dürli zähmet gurallaryň ýönekeýje çyzyklar bilen nagyşlanan küýze önümleri tapylýar.

## Türkmenistanyň medeniýetiniň taryhy barada umumy düşünje

Dünýä ýollarynyň çatrygynda, örän amatly ýerde ýerleşen Türkmenistan geçmişiň uly taryhy wakalarynyň jümmüşinde bolupdyr. Bu toprak adamzat medeniýetiniň örän gadymy gülläp ösen ojaklarynyň biridir. Ol diňe territoriýasynyň amatly ýerleşenligi bilen däl, eýsem meşhur baştutanlary öňe çykarany üçinde dünýä mälim bolupdyr.

Türkmenistanyň gadymy döwür taryhyna degişli maglumatlaryň ençemesi şu toprakda saklanan bolsa, galany goňşy döwletleriň gadymy ýazgylarynda galypdyr. Şonuň üçin-de biz adamzadyň ösüş taryhyny öz ýurdumyzyň arheologik açyşlary we soňky ýyllardaky täsin paleografik maglumatlar esasynda

öwrenýäris, şeýle hem goňşy ýurtlardaky gerekli maglumatlara-da salgylanýarys. Geçmişde taryhy ykbal türkmenleri we olaryň ata-babalaryny Merkezi Aziýadan Ortaýer deňzine we Hindistandan Günorta Orsýetiň sähralyklaryna çenli pytradypdyrlar.

Ynsanyň oýlanşykly zähmet çekmegi onuň dürli tebigy şertlere uýgunlaşyp bilmegi, olaryň san taýdan köpelmegine we köpçülikleýin ýaýramagyna getirýär. Ilkibaşda Afrikanyň ýaşaýyş üçin ýaramly ýerlerine göçülip barylýar, soňra adamlar Ýewropa we Alynky Aziýa aralaşýarlar. Bu waka, takmynan, mundan million ýyl öň bolup geçýär.

Ol ýerlerde daşdan ýasalan gurallaryň döwri dowam edýär. Şol beýik ýaýraýşyň bir ujy Türkmenistanyň çäklerine hem gelip ýetýär. Türkmenistanda iň irki döwre degişli gurallar Günbatar Köpetdagda Sumbaryň we Çendiriň derelerinde aýan edildi.

Türkmenistan gadymy medeniýetli ýurt bolup dünýä taryhynda öz ornuny tapdy. Arheologlaryň açyşlary Türkmenistanyň çäklerinde adamzat jemgyýetiniň paleolit zamanynda iň azyndan 300 müň ýyl mundan ozal emele gelendigini subut etdiler.

Haýwanlary eldekileşdirmek ilkidurmuş maldarçylyga geçilmegine şert döredýär. Türkmenistanyň Dam-dam çeşme gowagyndan tapylan tapyndylardan gadymky ýaşajylaryň diňe awyçylyk bilen däl-de eýsem balyk tutmak bilen meşgullanandyklaryna şaýatlyk edýär. Gowakda ýabany haýwanlaryň süňkleri bilen birlikde balyklaryň galyndylary tapylypdyr. Gowaklardan tapylan tagaşyksyz däne owguçlar Türkmenistanyň çäklerinde ýaşan taýpalaryň mezeolit döwründe ýabany ösýän däneleri ýygnamak bilen meşgul bolandyklaryny görkezýär. Geometrik şekilli oňat işlenip bejerilen miçrolitler hem Dam-dam çeşme gowagynda ýaşan adamlar tarapyndan ýasalandyr.

Türkmenistanyň günbatarynda ýerleşýän Jebel gowagyndan

tapylan tapyndylar Türkmenistanyň gadymy taryhynda irki neolit döwrüni görkezýär. Daşy işläp bejermek usuly şol döwürde kämilleşipdir. Gyraňy iňňän takyk prizma görnüşli nukleus onuň esasy bolup durýar. Çakmak daşyndan ýasalan tyglar we peýkam uçlary peýda bolýar. Keramiki küýzeler ýasalyp başlanýar. Adamlar daşky sreda has gowy uýgunlaşýar. Öz ýaşaýan territoriýasyny giňeldýär.

B.e.öňki VI-V müňýyllyklarda Köpetdagyň eteklerinde gadymy ekerançylaryň medeniýeti döräpdir, b.e.öňki III-II müňýyllyklarda ol medeniýet gülläp ösüşe ýetipdir. B.e.öňki II müňýyllykda Türkmenistanyň çäklerinde ilkinji şäherler emele gelipdir. Gadymy ekerançylar derýä jülgelerini üznüksiz özleşdiripdirler. Suwarymly ekerançylygy göçme we ýarym göçme çarwaçylyk bilen utgaşdyrmak, türkmenleriň we olaryň ata-babalarynyň iňňän gadymdan, tä XX asyra çenli esasy hojalygy bolupdyr.

Türkmenistanyň çäklerde geçmişiň köpsanly ýadygärlikleri-gadymy şäherleriň, galalaryň, howlylaryň, harabaçylyklary orta asyr jemgyýetçilik desgalary-metjitler, medreseler, kerwensaraýlar saklanyp galypdyr, olara halk ussatlarynyň, gurluşykçylaryň, haşamçylaryň ajaýyp sungaty siňdirilipdir. Topragyň aşagynda maddy medeniýetiň ýadygärlikleri-diwary suratly (žiwopisli) gurluşyklaryň galyndylary, heýkeller, keramika, durmuş esbaplary we birentek medeniýetiň we sungatyň şaýady bolup durýan esbaplar gömülip galypdyr. Bu taryhy tapyndylaryň hemmesi türkmen halkynyň we onuň ata-babalarynyň müňlerçe ýyllyk medeniýetidir. Halkyň döretmäge we döredijilige bolan öçmez tagallasynyň taryhydyr.

Günorta-günbatar Türkmenistanyň edebiýatda Dehistanyň medeniýeti diýlip atlandyrylan medeniýetde oturymly ekerançy çarwa taýpalary ýaşapdyr. Gazuw-agtaryş işleri netijesinde

Misserian düzlüginiň çäklerinden peýkamlaryň bürünç uçlary, kiçeňräk gylyç, aýal şaý-sepleri, çalymtyl reňkli küýze gap-gaçlary bişirmek üçin küreler, küýzegärilik çarhy, zähmet gurallary - daşdan ýasalan däne owguçlar we başga-da birnäçe esbaplar tapylýar. Gurala öwrülen demir bölekleriniň tapylmagy Dehistan medeniýetiniň ahyrlary irki demir asyryna degişli etmäge mümkinçilik berýär.

## Jeýtun, Namazga medeniýetleri döwrüniň taryhy

Täze daş asyry - neolit zamanynda tebigatyň has amatly döwrüne gabat gelýär. Täze daş asyry döwrüne degişli ýadygärlikleriň Türkmenistanda köp ýerde üsti açyldy. Merkezi Aziýada ilkinji oturymly ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgul bolup ugralandygynyň alamaty Aşgabadyň demirgazyk günbatarynda Jeýtun obasynyň golaýynda ýüze çykaryldy. Ol ýadygärlik Jeýtun medeniýeti ady bilen dünýä meşhur boldy. Jeýtunlylaryň palçykdan salnan inedördül görnüşli giň otagdan ybarat jaýlarda ýaşapdyrlar. Gapdallarynda hojalyk jaýlary-da bolupdyr. Gapylary darajyk bolup haýwanlaryň derileri bilen ýapylypdyr.

Jeýtunlylar palçykdan salnan inedördül görnüşli, giň otagdan ybarat jaýlarda ýaşapdyrlar. Gapdallarynda hojalyk jaýlaryda bolupdyr. Bir otagly ýaşaýyş jaýlaryň hemmesiniň göniburçly şekili bolup, birmeňzeş diýen ýaly salnypdyr. Diwarlary saman garylan palçykdan edilen uzyn kerpiçler örülipdir we toýun bilen suwarypdyr. Pollary toýun ýa-da alabaster gatlagy bilen örtülipdir. Adatça darajyk girelgäniň sag tarapynda üstüne egmekli puhary edilen ojak bolupdyr. Girelge bilen ojagyň arasynda, käte bolsa onuň iki tarapynda hem hojalyk zatlary üçin daşy gurşalan azajyk ýer bolupdyr. Ojagyň garşysynda diwarda poldan 60-70 sm.

ýokarda tagçaly çykyt edilip, ol gara ýa-da gyzyl reňk bilen reňklenipdir. Jeýtun medeniýetiniň dykgatly bejerilip bezelen bir tipli, ýeke otagly öýleri neolit zamanasynyň binagärçiligiň ýeten esasy derejesidir. Jeýtun medeniýetinde diwarlar ak düşegiň üstünden gyzyl we gara reňkler bilen çekilen sýužetli nagyşlar bilen bezelipdir, diwaryň ýüzi toýundan edilen iki gatlakdan we ak toprakdan ybaratdyr. Diwarlaryň birinde paleolit we mezeolit awçy taýpalarynyň däbinden gelip çykan hudaýy haýwanlaryň şekilinde diýip düşünilýän sýužetler we geometrik şekiller şekillendirilipdir. Ybadathananyň beýleki diwaryny depesi aşak öwrülen gara üçburçlyk we süýndürilip uzaldylan pişme şekili (ini 18 sm. uzynlygy 31 sm.) bezeýär. Pişmäniň we üçburçlygyň bu şekilleri has giçki wagtlaryň - eneolit zamanynyň Günorta Türkmenistandaky (Ýasydepe, Änew, Sarmançadepe) kult jaýlarynyň diwar bezeginiň nagyş usullaryna golaýdyr.

Ol medeniýetiň häsiýetli alamatlarynyň biri-de adamlar ilkinji gezek palçykdan gap-çanak ýasamagy öwrenipdirler. Emma, täze daş asyrynyň has irki döwürlerinde palçykdan ýasalan çanak bolandygyny Jebel we Dam-dam çeşme gowaklarynyň aşaky medeni gatlaklary subut edýär. Olar ýuka, ýasy, ýylmanan çakmak daşlaryny dişäp, agaja baglap, orak ýasamagy başarypdyrlar.

Ekerançylygyň ýüze çykmagy bilen adam tebigata täsir edip başlapdyr.

B.e.öň VI-III müň ýyllygyň ösen Jeýtun medeniýeti ekerançylygyň merkezi bolupdyr. Onuň şeýle bolmagyna Köpetdagdan akyp gaýdýan suw ulgamlary ýa-da çeşmeleri Garagum çölüne baryp siňipdir ýeriň yzgary siňip gitmänkä adamlar ýere tohum taşlapdyrlar. Ekerançylygyň bu görnüşüne sepme diýip atlandyrylypdyr. Buda ýere tohum sepmek sözünden gelip çykypdyr.

Şeýlelikde, Türkmenistanda däne ekini emeli ýol bilen ösdürip ýetişdirmegiň ilkinji esasyny goýanlar Jeýtunlylar bolupdyr. Şoňa görä-de Jeýtun medeniýeti Türkmenistanyň taryhynda aýratyn orun tutýar.

Jeýtundan tapylan zähmet gurallarynyň içinde çakmak daşyndan, süňkden ýasalan gurallar agdyklyk edýär.

Jeýtunda gazuw-agtaryş işleri netijesinde arpa däneleriniň yzlary we öý haýwanlarynyň - geçileriň, goýunlaryň, öküzleriň we itleriň köp sanly süňkleri tapylýar. Awçylyk belli bir orny saklap galypdyr. Bu ýerde çakmak daşy gurallary ýasamak üçin esasy material bolup hyzmat edipdir, emma welin ony işläp bejermäge - ýylmamagyň we burawlap deşmegiň täze usullary ulanylypdyr. Göni ýa-da egrem-bugram çyzyklardan ýönekeý nagyş görnüşde bezegli oňat bişişrilen, düýbi ýasy gap-gaçlar Jeýtun medeniýetine häsiýetlidir.

Oturumly ekerançylykly obanyň bolmaklygy ilatyň köpelmegine getirýär. Ilat maşgala görnüşinde ýaşap, her bir maşgalanyň hojalyk gap-gaçlary, bezeg şaýlary maşgala degişli jaýlarda saklanypdyr. Emma iýmit artykmaçlygy, ýagny, galla bütin oba üçin umumy jaýda saklanypdyr. Şeýlelikde Jeýtunlylaryň zähmeti-de, hojalygy-da köpçülik bolupdyr. Munuň özi jemgyýetçilik gatnaşygynda enelik urugyna degişlidir.

Jeýtundan eldekileşdirilen geçiniň süňki tapylypdyr. Jeýtunlylar tebigat bilen ýakyndan iş salyşypdyrlar. Olar öz obalaryndan has uzak ýerlere gerek zatlaryny gözläp gidipdirler.

Köpetdagdan zähmet gurallary üçin çakmak daşlaryny getiren bolsalar, Hazar deňziniň kenarlaryndan bezeg üçin balykgulaklar getiripdirler.

Namazga medeniýeti. Irki mis asyrynyň indiki döwri Namazga I medeniýetiniň ýadygärlikleri bilen bellidir. Medeniýetiň ady bütin Merkezi Aziýada iň uly gadymy şäherleriň biri blupdyr. Ol Kaka

etrabyndan günbatarda ýerleşýän namazga depäniň ady bilen baglanşyklydyr. Onuň tutýan meýdany 50 ga deň. Ol alty sany medeni gatlaga, ýagny Namazga I-VI bölünýär. Namazgada öküze goşulýan azaly oýlap tapmaklary bu ýerde ekerançylygyň ösendigine şaýatlyk edýär.

Galla önümlerinden başga-da ösdürilip ýetişdirilýän ösümlikleriň arasynda nohut, ýagny, kösükli ösümlik hem peýda bolýar.

Dürli görnüşli keramiki gaplar ýasalyp, olaryň ýüzüne gara we gyzyl reňkde çekilen şekiller peýda bolup ugraýar.

Namazga II döwrüniň gurluşygynda pagsadan we kerpiçden bir otagly, töweregi hojalyk bilen gurşalan ýaşaýyş jaýlarynyň ojakly we ojaksyz görnüşli bolupdyr. Namazga III döwründäki gap önümleriniň görnüşinde-de üýtgeşiklik bolupdyr. Gaplaryň ýüzünde geometrik nagyşlar peýda bolýar. Döwrüň adaty aýratynlygy hökmünde gaplarda Barsyň tegmilli menekli ýyrtyjynyň şekili peýda bolýar. Ondan soň basym gara, ýylmanyp ýalpyldadylan we oýulyp çekilen nagyşly gaplar peýda bolýar.

Eneolit döwründe küýze önümlerini öndürmek kämilleşipdir. Ýarym sfera we konus görnüşli jamlar, okaralar köp mukdarda öndürilip, küýze önümlerine salynýan nagyşlar çylşyrymlaşdyrylypdyr. Olaryň bezeglerinde köp reňklilik ýüze çykypdyr. Häzirki türkmen halylaryna salynýan nagyşlaryň köpüsi şol döwrüň küýze önümlerindäki nagyşlara örän meňzeş. Bu meňzeşligi türkmen halkynyň medeniýetiniň, çeperçilik sungatynyň gözbaşyny iň gadymy döwür bilen ysnyşykly baglanyşygynyň subutnamasy hökmünde görkezmek bolar. Giçki eneolit zamanynda - b.e.öňki IV müňýyllyk bilen III müňýyllygyň sepgidine degişli ýadygärliklerden oturan ýa-da dik duran, ýanbaşy gaba, elleri aşak sallangy görnüşdäki, palçykdan ýasalan heýkeljikleri köp tapylýar. Seýregräk hem bolsa, sakally erkek

adamlarynyň palçykdan ýasalan heýkeljiklerine-de gabat gelmek bolýar. Ol döwürde jaýlananlaryň mazaryndan dürli görnüşli bezeg şaýlary, kähalatda dürli gaplar tapylýar. Olar şol döwrüň adamlarynda tebigy güýçler bilen bagly ynamlaryň bolandygyna güwä geçýär.

Giçki eneolit döwründe günorta Türkmenistanyň ilatynyň jemgyýetçilik gurluşynda köp özgeriş bolup geçipdir. Suwarymly ekerançylygyň, metallurgiýanyň döremegi, gurluşyk işleriniň güýçlenmegi, maldarçylygyň ösmegi agyr fiziki işler bilen baglanyşykly bolansoň, bu döwür kem-kemden jemgyýetde erkek adamlaryň rolunyň ýokary bolmagyna itergi berýär. Bu bolsa bütin jemgyýetiň ösüşine öz täsirini ýetiripdir, ýagny, şol döwürde enelik urugyndan atalyk urugyna geçiş prosesi alyp barypdyr.

Umuman, eneolit döwri bürünç asyry wagtynda häzirki Türkmenistanyň çäklerinde synpy jemgyýetiň we özboluşly döwlet gurluşynyň ýüze çykmagy üçin deslapky şertleri döredipdir.

## Änew, Garadepe medeniýetleri döwrüniň taryhy

Şol zamanda ekerançylyk bilen bir hatarda maldarçylyk hem hojalygyň esasy pugdaklarynyň biri bolupdyr. Änewlileriň hojalygynda Jeýtunlylara garanyňda eldeki haýwanlar köp bolupdyr. Tapylan süňk galyndylary esasynda ownuk mallar bilen birlikde iri mallaryň bardygy subut edildi. Şeýle-de b.e.öňki IV-nji müňýyllykda metaldan ýasalan esbaplaryň hojalyga ornaşyp başlanmagy Änew medeniýetiniň ýene-de bir bellemeli tarapydyr. Metalyň ýüze çykmagy önümçiligiň ösmegine uly täsir edipdir.

2005-nji ýylda Türkmen-amerikan ekspedisiýasy Gadymy Änew depelerinde 100 ýyl mundan ozalky maglumatlaryň dowamy hökmünde arheologik gazuw-agtaryş işlerine başlady. Şol ýerde b.e.öň iki müňünji ýylda Gadymy Änewde ekerançylygyň gülläp

ösendigini tassyklaýan taryhy tapyndylaryň birnäçesi görkezilen. Ekerançylykda ulanylan iş gurallaryň hem-de gadymy Ak bugdaýyň däneleriniň tapylmagy gönüden-göni Ak bugdaýyň biziň Watanymyz Türkmenistanda ösdürilip ýetişdirilendiginiň subutnamasydyr.

Türkmeniň gadymy topragyndan - Änewden tapylan ak bugdaý däneleri, şol döwürde parahat imisala durmuşyň, hasyllylygyň alamatyna öwrülip, onuň şekili nagyşlara salnyp başlanypdyr. Oguz han Türkmen eýýamynda bugdaý hasyllylyk bilen bagly bolan ynanç döräpdir. Oňa görä Ýer-ähli ösümlikleri, jandarlary döreden bolsa, Ene-dünýä ynsanlarynyň döremeginiň gözbaşydyr. Irki döwürlerde Ýeri we Enäni hasyllylygyň alamaty hökmünde mukaddesleşdirmek derejesine ýetirilipdir. Şonuň üçin ilkinji ekerançylar hasylyň bol bitmegini arzuwlap zenan heýkeljiklerini ýasap oňa tagzym edipdirler.

Şol döwürde owadan binaly, beýik ybadathanaly Änew, Altyn depe, Marguş siwilizasiýasy gülläp ösýär we ilkinji şäher merkezleri emele gelýär.

Gadymy Änew şäheriniň demirgazyk we günorta tarapyndaky baýyrlyklar iň gadymy ekerançylyk obalarynyň galyndylary bolup, olaryň ýaşy 6 müň ýyla barabar diýlip hasaplanylýar. Şol ýerleriň tebigy we howa şertleri ekerançylygyň ösmegine ýardam edipdir.

Gadymy eýýamlardan başlap kem-kemden ösen oturymly ekerançylyk hojalygy änewlileriň esasy pişesi bolupdyr. Daşdan, bürünçden ýasalan zähmet gurallary ilkinji ekerançylygyň Gadymy Änewde ýüze çykandygyny doly subut edýär. Olar kätmen bilen ýeri işläp bejeripdirler, bugdaý we arpa ekipdirler, hasyly orak bilen orupdyrlar, dänäni däne owgujy arkaly ownadypdyrlar. Çakmak daşy we süňk zähmet gurallaryny taýýarlamakda esasy serişdeler bolup hyzmat edipdir.

Türkmenleriň ýurdunda bugdaýyň ýokary hasylynyň ýygnalandygy we baglarynyň bol miweleri bolandygy taryhy maglumatlarda bellenilýär. Türkmenleriň galla we miwe ýüklenen kerwenleri Beýik Ýüpek ýoly bilen Kairiň we Domaskyň bazarlaryna barypdyr.

Şol döwürde ekerançylyk bilen bir hatarda külalçylyk sungaty hem uly ösüşe eýe bolýar. Gadymy döwürlerden toýundan hudaý helkeljikleri, haýwan şekilleri, çaga oýnawaçlary ýasalypdyr. Mundan başga-da ekerançylykda suwarymly ýerler üçin toýundan suw geçiriji enjamlar, jykyr küýzelerini dürli usulda ýasapdyrlar.

Türkmen topragynda beýik döwletler we beýik şahsyýetler döräpdir.

Orta asyrlarda türkmen şäherleri has-da gülläp ösüpdir. Onda medeniýet, sungat, syýasat, ykdysadyýet, halkara gatnaşyklar, ekerançylyk, maldarçylyk ýokary derejelere ýetipdir. Şol döwürde ýasalan toýun, bürünç gaplarynyň ýüzüne dürli usulda nagyşlar çekilipdir. Türkmen ussalary gadymdan alyp gaýdýan gözbaşlaryny ähli döwürlerde nesilden-nesle geçip gelipdir.

Änewlileriň ýasan metal gurallary kämil we düzümi boýunça arassa bolupdyr.

Türkmenistanyň gadymy ýadygärlikleriniň, medeniýetiniň içinde Änew medeniýeti hem özboluşlylygy we uly ähmiýetliligi bilen tapawutlanýar. Senetçilik belli derejede kämelleşipdir. Toýundan ýasalan gaplar çarhyň kömegi bilen ýasalyp kürelerde bişirlipdir.

Kaka etrabynyň Artyk obasynyň golaýynda ýerleşýän Garadepe obasy medenýeti özüniň taryhy tapyndylary hem täsinligi bilen haýran galdyrýar. Ol ýerde gazuw-agtaryş işleri geçirilende ol ýerden diňe keramiki önümler däl, hat-da antropologlar üçin gymmatly maglumatlary özünde jemleýän mazarlar, ýaraglar hem tapyldy.

Tapylan tapyndylara salgylanyp Türkmenistanyň iň gadymy obalarynyň biri Garadepäniň 5 müňýyllyk taryhynyň bardygy subut edildi.

B.e.öň IV müňýyllyklarda bu ýerde eýýäm köp otagly ýaşaýyş jaýlary gurlup başlapdyr.

Garadepelileriň öý hojalygy barada söhbet etsek ilki olaryň ulanan gap-gaçlary barada durup geçmeli. Olar gap-gaçlaryny örän haşamlap ýasamagy başarypdyrlar. Käbirleri şeýle bir ýylmanypdyr welin olaryň ýalpyldysy häzir hem haýran galdyrýar.

Gyzyl hem ak mermerden oýulyp ýasalan jamlar, küýzeler we ş.m. gap-gaçlar özleriniň birbada göze ilmeýän içki gözelligi bilen haýran galdyrýar.

Garadepeden tapylan gap-gaçlaryň ýüzüne çekilen nagyşlar biziň şu günki halylarymyza nur çaýýan haly göllermize örän kybap gelip haly sungatynyň müňýyllyklaryň gatyna siňýändigine şaýatlyk edýär.

Garadepäniň ilaty misden, daşdan, süňkden hem agaçdan ýasalan gurallary ulanypdyrlar. Umuman Garadepelileriň hojalygy, ony dolandyrşy ýokary ähmiýetli bolupdyr. Ulanan her bir önümlerne gözellik bermegi başarypdyrlar. Şulardan ugur alyp Garadepelileriň gözellige uly sarpa goýandygyna düşünmek bolýar.

B.e.öňki IV-V müň ýyllyklarda beýleki ösen medeniýetli şäherler, obalar bilen birlikde Garadepe hem öz ösen medeniýeti bilen tapawutlanypdyr.

## Altyndepe medeniýeti

Altyndepe - bu ýöne bir şäher bolman Oguz han atamyzdan galan, onuň döwründen şaýat galan ýadygärlikdir.

Bu barada belli arheolog W.M. Masson örän köp iş bitirip türkmen halkynyň bäşmüňýyllyk taryhynyň bardygyny dünýä äşgär etdi.

Altyndepe şäherinden türkmen halkynyň 5 müň ýyllyk taryhyny açyp görkezýän gymmatlyklaryň birnäçesi tapyldy. Şolaryň içinde Oguz han atamyzyň oňony bolan öküziň tylla heýkeliniň tapylmagy ajaýyp zatdyr. Gadymy Altyndepeden tapylan ajaýyp tapyndy bolan sap altyndan ýasalan öküz kellesi ýöne bir gadymdan galan tapyndy bolman, türkmen halkynyň taryhyndan habar berýän gymmatly hazynadyr.

Altyndepe bürünç döwrüniň gadymy şäheri diýip atlandyrylýar. Ol ilkinji metal asyry bolup, Türkmenistanda b.e.öň V-IV müňýyllygy öz içine alýar.

Daşdan ýasalan zähmet gurallaryny, ýaraglaryny we bezeg şaý esbaplaryny bürünç esbaplary bilen çalyşdy.

Bu döwürde enelik urugyndan atalyk urugyna doly geçilýär.

Bürünç döwründe ýokary tertipli jebis taýpa birleşikleri döräp başlaýar. Şeýlelikde bu döwürde ilkinji şäher döräp başlaýar. Şol döwürde dörän şäherlerden biri hem gadymy Altyndepe bolup Kaka etrabynyň Mäne we Çäçe obalarynyň aralygynda ýerleşýär.

Altyndepe şäheriniň döremegine ol ýerde irki synpy jemgyýetiň emele gelmegi hünärmençiligiň, senediň we bilim düşünjeleriň ösmegine uly itergi beripdir. Altyndepe şäheri gülläp ösen döwründe onuň ilaty 5 müňden köpräk adam bolupdyr. Ilatynyň köpüsi syratly, uzyn boýly adamlardan ybarat bolupdyr. Antropologik görnüşleri boýunça ol adamlar süýri kelleli ynsanlar. Wagtyň geçmegi bilen olar türkmen halkynyň kemala gelmeginde aýgytlaýjy rollaryň birini oýnapdyrlar.

Altyndepe şäheriniň daşyna goranyş berkitmesi-diwar çekilipdir. Içinde bolsa ýaşaýyş jaýlary we ybadathana ýaly uly jemgyýetçilik ymaratlary ýerleşdirilipdir. Altyndepäniň

monumental binagärçilik sungaty uly kult toplumy bilen bellidir. Beýikligi 12 metre ýeten basgançakly minara görnüşli desga b.e.öňki III müňýyllgyň ortalarynda bina edilipdir. B.e.öňki III-II müňýyllyklaryň sepgidinde kult toplumynyň birnäçe ýeri üýtgedilip gurulypdyr. Bu toplumdaky binagärlik tärleri hem-de açyk gurluşygynyň bütin keşbi Mesopotamiýa binagärçiliginiň belli bir täsiriniň bardygyny görkezýär.

Bürünç zamany döwründe bu desga seýrek duş gelýän ýadygärlikleriniň binagärlik sungatyna ýokarlandyrylan monumentallygy bilen tapawutlanýar. Bu monumentallyk güýçli diwarlarda we hususan-da, Zikkurat tipli salnypdyr. Altyndepe medeniýetiniň ýene bir tapawutly tarapy ol ýerde köçeler we öwrümler bilen aralary bölünen köp otagly öýleriň kwartallary ýüze çykaryldy.

Altyndepeden tapylan tapyndylarynyň arasyndan mis we bürünç önümlerinden, toýundan ýasalan heýkeljiklerde, monjuklarda, belli bir görnüşdäki gaplarda hindi medeniýetiniň täsiriniň yzlary hem duýulýar. Altyndepeden Mesopotamiýada öndürilen faýansdan ýasalan bogdakly monjuklar hem tapylýar. Bu meňzeşlikler Altyndepäniň ilatynyň goňşulary bilen ysnyşykly gatnaşykda bolandygyna şaýatlyk edýär. Altyndepeden çyzykly belgileri bolan heýkeljikleriň 100-den gowragy, ýüz tarapynda haýwanlaryň keşbi şekillendirilen hem-de dürli geometrik şekilli bürünçden, kümüşden, daşdan, keramikadan ýasalan möhürleriň birnäçesi tapylýar. Bu möhürler ýerli ussalaryň önümi bolandyr diýen çaklamalar bar.

Metaly gyzdyryp ýençgilemek, ony eredip guýmagyň öň mälim bolmadyk tärleri tapylypdyr. Şeýlelikde metaly gaýtadan işlemek kämilleşip, ol ekerançylygyň giňelmegine ýardam edipdir. Zähmet öndürjiliginiň ösmegi hususy eýeçiligiň ýüze çykmagyna getiripdir. Bu bolsa jemgyýetiň has ösmegine getiripdir. Tapylan

möhürler hususy eýeçiligiň mysalydyr. Möhürler metaldan, gymmat bahaly daşlardan, şirmaýydan ýasalyp ol senetçilik üçin häsiýetlidir. Altyndepe, Namazgadepe ýaly gadymy şäherlerden tapylan köp sanly heýkeljiklerde esasan zenan şekilleri suratlandyrlypdyr. Her bir hojalykda şol heýkeljikleriň 1 ýa-da birnäçesi saklanypdyr.

Adamlar ekerançylyk işlerine başlamazdan öň zenan heýkeljiklerine tagzym edipdirler.

## Bürünç eýýamynda medeniýet

Türkmenistanyň çäklerinde bürünç asyry b.e.öňki III müňýyllygyň ortalary II müňýyllygyň ahyrlaryny öz içine alýar. Günorta Türkmenistanyň, bu taýpalarynyň ykdysadyýeti şol döwürde ep-esli ösüpdir. Kiçeňräk kanallaryň kömegi bilen emeli suwaryşa esaslanýan ekerançylyk hem-de senetçilik hojalygyň esasy bolupdyr. Gurallaryň kämilleşdirimegi, önümçiligiň aýry-aýry pudaklarynyň ýöriteleşdirilmegi uly obalaryň ähmiýetini ýokarlandyrypdyr.

Merkezi Aziýada bürünç zamany döwründe biziň eýýamymyzdan öňki III-II müňýyllyklarda Türkmenistanyň çäginde Marguş döwleti gülläp ösüpdir.

Bu döwletiň adynyň gelip çykyşyny Murgap derýasynyň ady bilen baglanyşdyrylýar. Marguş türkmenleriň özboluşly medeniýetiniň gadymy gündogarda iň irki ojagy hasaplanylýar.

Bilelikdäki türkmen-rus ekspedisiýasy şeýle täsin açyşlary amala aşyrdy, çünki köpsanly günbatar alymlary Mesopotamiýa, Müsür, Hindistan we Çyn-Maçyn bilen bir hatarda Marguşy köne dünýäniň gadymy medeniýetiniň bäşinji ojagy diýip ykrar etdiler.

Goňruň köşkli kremli köpugurly ösen desga hökmünde edara ediş häsiýetli binanyň nusgawy görnüşi bolupdyr we şol döwrüň

dünýäsiniň öňdebaryjy merkezleriniň köşklerinden asla kem bolmandyr.

Demirgazyk Goňruň köşgi berkidilen içki galanyň içinde ýerleşýär, onuň diwarlarynyň sudurynda bolsa goranyş diňleri we peýkam görnüşli köpsanly buky ýerler bolupdyr. Kremliň daşyny ok atmak üçin ýörite goýlan gädikleri bolan göniburçly diwarlar gurşap alypdyr. Kremliň diwarlarynyň ählisinde içerki dälize alyp barýan geçelgeler goýlupdyr. Tutuş köşk toplumy günorta we günbatar tarapyndan uzyn, dar dälizler, gündogar tarapdan bolsa bütewi derweze diwary bolan töwerekdäki kiçeňräk jaýlardan bölünýär.

Marguşlylar ekerançylyk, maldarçylyk bilen giňden meşgullanypdyrlar. Bürünçden ýasalan kätmenler, oraklar ekerançylygyň esasy gurallary bolup hyzmat edipdir. Olar ekerançylygyň düýp özeni manysynda ene ýer bilen baglanşykly gipsden, toýundan, daşdan ýasalan hasyllylygyň hudaýy hökmünde heýkeljiklere sežde edipdirler. Marguşdan tapylan esbaplar esasan daşdan, bürünçden bolupdyr. Ol esbaplaryň esasyny kiçijek dürli görnüşli küýzeler, kosmetiki gaplar tutýar. Olar daşdan, bürünçden ýonulyp, nagyşlanyp ýasalypdyr. Mundan başga-da dini äheňli hasalar we hasalaryň daş güberçekleriniň birnäçesi tapyldy.

Gazuw-agtaryş işleri netijesinde tapylan tapyndylar gadymy Marguşlylaryň senetkärçilik ussatlygynyň ýokary bolandygyny aňladýar. Ýerli demirçiler bürünçden naýza uçluklaryny, uzyn iki tarapy ýiti gamalary, bir ýüzli pyçaklary ýasapdyrlar. Durmuşda ulanylýan agyr we uly paltalar bilen birlikde has ökde ussalar örän owadan gelşikli paltalary guýupdyrlar. Ähli paltajyklar ybadathanalaryň çägindäki guburlardan tapylypdyr. Olaryň tygy küteldilipdir, bu bolsa olaryň diňe dini ybadatlydygyny görkezýär. Onuň çüwdesi köplenç horaz guýrugyna meňzedilip egreldilipdir,

sap geýdirilýän deşiginiň daş ýüzüne bolsa göreçli adam gözi çekilipdir.

Bugdaýyň gipsden ýasalan ak sümmülleri ösüp dur we olar bürünç okjagazlar arkaly agaja birleşdirlipdir. Sümmülleriň gapdal we üst deşiklerine bürünç gylçyklar goýlupdyr. Şekilde ýukajyk altyndan ýasalan sümmüljikler dömüp dur, olaryň gylçyklary bolsa kümüşden edilipdir. Şekiliň aşagynda ösümligiň baldagyny aňladýan iki sany towlanan okda gipsden kesilen iki sany iri ösümlik "ösüp" otyr. Onuň özünde antromorf şekiljikler duran hasyllylyk hudaýy şekillendirilipdir. Olaryň bedenlerinden bugdaý sünbülleri çykyp dur. Bu şekil hem ösümlik, ekerançylyk we hasyllylyk hudaýynyň keşbini şekillendirýär diýip çak etmek bolar.

Küýzegärçilik önümçiligi ýokary kämillige eýe bolupdyr. Surat bilen bezemeklik kem-kemden ýok bolýar. Ýokary usully kämilligi bilen we gutarnykly görnüşi bilen tapawutlanýan, küýzegärçilik çarhynda ýasalyp, bişirlen gap-gaçlar peýda bolupdyr. Bu küreleri ussa gurmak üçin ýerde gönüburçly ýa-da uzyn çukur gazyp, onuň iç ýüzüne çig kerpiji örüpdir, şeýdibem geljekki küre ýörite deşikden odun salnyp gyzdyrylypdyr. Gap-gaçlar taýýarlananda ot bilen göni galtaşmandyr. Bu bolsa, olaryň jaýrylmazlygyna peýda edipdir. Goňruň küýzegärleriniň ezber ellerinden dürli görnüşli we durmuşda ulanmaga oňaýly gap-gaçlaryň müňlerçesi çykypdyr. Ol gap-gaçlar inçe aýakly owadan wazalar, uzyn çünükli çäýnekler, inçe boýunly göwrümli suwdanlar, dürli jamlar, okaralar, güldanlar bolupdyr.

Küýzegärçilik senediniň gadymy ussatlary gap-gaçlary tutawaçly ýasamandyrlar. Ýönekeý kesik, egrem-bugram çyzyklar görnüşindäki ýek-tük nagyşlary hasap etmeseň, edil şonuň ýaly dar önümlerini nagyşlar bilen juda seýrek bezäpdirler.

Marguşyň küýzegärleri ýokary ussatlyklary bilen tapawutlanypdyr hem-de gadymy gündogar dünýäsiniň öňdebaryjy

merkezleriniň ussatlarynyň sungatyndan birjik-de kem oturmandyr. Olaryň önümleriniň goňşy welaýatlara giňden ýaýrandygy we hat-da Merkezi Aziýanyň hut Gazagystanyň sähralaryna çenli çäksiz giňişliklerinde göçüp-gonup ýören sähraýy taýpalara hem baryp ýörendigi tötänden däldir. Ýerli çarwalar alysdaky Marguşda ýasalan gap-gaçlarda iýip-içipdirler.

Arheologlar ýerli hökümdarlaryň hasasyny we gymmatbaha nagyşly naýzalaryny bezän, bürünçden ýasalan tegelek görnüşli güberçek şekillere gabat geldiler.

Marguş ýurdy daglardan örän alysda ýerleşse-de, ýerli daş ýonujylar çig mal ýetmezçiligini duýmandyrlar. Işläp bejermäge amatly ýumşak, ýeňil steatit ýa-da başgaça aýdylşy ýaly tutuk gara reňkli “daş sabyn” olar üçin çig mal bolup hyzmat edipdir. Ak çyzmykly mermer kysymly dürli önümler, alebastr, has seýrek ýagdaýda gyzyl hakyk, agat, gök lazurit we mawy pöwrize ýaly daşlaryň dürli görnüşlerini önüm taýýarlamak üçin peýdalanypdyr.

Daş ýonujy ussalar, esasan, steatit bilen işläpdir. Ýumşak, geliwli serişde ýeňil kesilipdir we şondan gysga wagtyň içinde tumar ýa-da möhür ýonup, olara şekil çekipdirler. Steatitden eýesiniň ýokary derejesini aňladýan bir metrden hem uzyn daş “hasalar”, has takygy nagyşly naýzalar ýonulypdyr.

Marguşyň küýzegärleri ýokary ussatlyklary bilen tapawutlanypdyr hem-de gadymy gündogar dünýäsiniň öňdebaryjy merkezleriniň ussatlarynyň sungatynyň hatarynda bolupdyr. Gadymy küýzegär keramikaçylaryň işlän keramiki küreleriniň galyndylary häzirki güne çenli saklanyp galypdyr. Keramiki gaplar, esasan, şekilsiz edilip ýasalypdyr. Käbirlerinde bolsa haýwan şekilleri ýa-da ýönekeýje çyzyklar bolupdyr. Marguşly demirçiler bürünçden köp peýdalanypdyrlar. Durmuşda ulanylýan agyr we uly paltalary ýasapdyrlar.

Gadymy Marguş döwleti dünýäniň geografik kartasynda aýratyn orny tutýar. Goňruň gonamçylyklaryndaky patyşa guburlaryndan tapylan tapyndylar Türkmenistanyň ýaşaýjylarynyň biziň eýýamymyzdan öňki III müňýyllygyň ahyrynda dünýäde ilkinji bolup diýen ýaly atlary ellekileşdirendikleri baradaky maglumatlary berýär. Patyşa guburlarynyň biriniň içinden tapylan tigiriň daşyna bürünç gurşalan araba muňa şaýatlyk edýär. Tapyndylaryň içinde arabanyň daşy bürünç gurşawly tigirleri hem bar. Gurşawlar agaç tigirlere ýörite berçinler arkaly berkidilipdir. Tigirleriň gurşawy alty sany bir-birlerine birleşdirilen bölekden ybarat bolup, ol tigre uly kelleli çüý bilen kakylypdyr. Olar hersi bir-birine reýkajyk bilen çüýlenen. Üç sany agaç bölegi arkaly birigýär. Kümüşden guýlan we Goňurdan tapylan surnaýlar atly esgerleri nyzama duruzmakda ulanylan gural bolandyklary ähtimal diýilýär. Münülýän atlaryň eýýäm Gadymy Marguş ýurdunda belli bolandygyna tapylan arkasy eýerli atyň daşdan ýasalan keşbi şaýatlyk edýär. Bu bolsa Merkezi Aziýada münülýän atlaryň bolandygy hakynda iň irki subutnamalaryň biridir we Gadymy Gündogarda atçylygyň ösüşiniň taryhy üçin iňňän wajyp ähmiýete eýedir.

Marguşda duşýan düzümli şekiljikler ýumşak steatitden kesilip ýasalypdyr. Olar kaşaň görnüşli adaty geýimler bolan kaunakesde, dürli kesik “diljagazlar” bilen bezelip oturan maşgalabaşy zenany bezelýär. Şeýle şekiljikleriň kellesi we dyzyna goýlan elleri hemişe ak mermerden ýonulyp ýasalypdyr hem-de göwrä aýratyn berkidilipdir.

**Marguş ýurdunyň gadymy ýaşaýjylarynyň daş keşbi -** Russiýanyň Ylymlar Akademiýasynyň etnologiýa we antropologiýa institutynyň ýanyndaky antropologik dikeldiş boýunça tejribehanasynyň hünärmentleriniň bir topary dört müň

ýyl mundan ozal, ýer şarynda ýaşap geçen adamlaryň daş keşplerini dikeltmäge synanyşýarlar.

Täzeden dikeltmek üçin gadymy marguşlylaryň wekilleriniň süňkleri saýlanyp alynýar. Onuň hem sebäbi, Goňurdepede geçirilen gazuw-agtaryş işleri Türkmenistanyň gadymy ilatynyň daş keşbi hakynda täze maglumatlary berýär. Bürünç eýýamynyň öň mälim bolan maglumatlary gündogar ortaýer deňizlileriň hakyky wekilleri hasaplanylýar, ýagny ol adamlaryň uzyn we başgalara garaňda inçe ýüzi, inçe burny has öňe çykyp duran näzik ýüz keşbi bolupdyr. Marguşlylar hem umumylykda alanyňda şolara meňzeýär diýen maglumatlar bar, ýöne marguşlylaryň arasynda örän pes boýly (145sm) we uzyn boýly (180sm) adamlar duş gelýär. Olaryň onçakly uly bolmadyk uzyn we ýasy kellesi, uzyn we ýasy ýäzi hem-de uzyndan gelen inçe kellesi bolupdyr.

Dikeldiş işleri Goňurdepäniň gonamçylygyndan tapylan bir erkek adamyň we aýalyň kelleçanaklary boýunça geçirildi. Dikeldiş işleri dünýä belli antropolog M.M.Gerasimow tarapyndan esaslandyrylan tejribehanada geçirildi. Bu ýerde amala aşyrylan işler grafika we heýkeltaraşçylyk usullary boýunça geçirilýär.

Goňurdepede ýüzüniň aşaky bölegi öňe çykyp duran adamlar hem ýaşapdyr, ylymda oňa “prognatizm” diýilýär. Aýalyň portretinde prognatizme häsiýetli sypatlar görünýär. Bu şekillendirilen marguşly aýal saçyny arkasyna oklaw ýaly atypdyr we ony bürünç iňňebagjyk bilen berkidipdir. Gulaga dakylan kümüş gulakhalka, silindr şekilli ownujak bürünç monjuklardan düzülen dür we kümüş ýaprajyklar şol aýalyň jaýlanan ýerinden tapylmandyr. Olar dabara bilen jaýlanan baý adamlara mahsus bolany üçin, bu däp portretde şekillendirilýär.

Erkek adamyň kelleçanagy gündogar ortaýer deňizlilere gaty meňzeýär. Ýewraziýa sahralarynda bürünç eýýamynda ýaşan ilatda duş gelýän onçakly daýaw bolmadyk at ýüzi we ýapgyt maňlaýy

hem-de bürgüt burny onuň diri wagtyndaky keşbiniň dogrudygyny görkezýär. Sakalynyň, murtunyň we saçynyň keşbi giň ýaýran marguş we baktriýa wazalarynda gaplardaky suratlary ýatladýar.

**Ýitip giden din -** Marguşda gazuw-agtaryş işleri geçirilen köşkleri we ybadathanalary otparazçylyk atly ilkinji dünýä dinini döreden köphudaýly taýpalaryň monumental binagärlik ýadygärliklerini emele getirýär. Başgaça aýdylanda, şu ýerler ol dini dörediji zoroastranyň watany bolmagy-da mümkin, ýöne dürli ýurtlaryň köp hünärmenleri muňa kesgitli garşylyk görkezýärler. Elbetde, şu ýerde, hiç wagt adam aýagy sekmedik çöllükde gadymy siwilizasiýasynyň bolandygyny we özüniň filosofiki, etiki dini ulgamy bolan ilkinji dünýä dininiň dörändigi barada göz öňüne getirmek aňsat hem däl.

Biziň günlerimize Zaratuştranyň bulaşyk keşbi gelip ýetipdir, megerem alymlarda onuň hakyky ýaşap geçendigine doly ynam bolan däldir, ýöne soňky maglumatlar netijesinde Zaratuştranyň hyýaly ýa-da halk gahrymany däldigi belli boldy. Şol maglumatlara görä, gadymy döwürlerde ýewroaziýa giňişliginde hindi-ýewropa dillerinde gürleýän halkyýetler ýaşapdyr. Olaryň ilkinji watany Ýakyn Gündogar bolupdyr. Biziň eýýamymyzdan ozalky VI-V müňýyllykda hindi-ýewropa halklaryny (esasan, gündogar çetini) dilleri biri-birine juda ýakyn bolan hindiari taýpalary düzüpdir. Dürli ylymlar boýunça hünärmenler bu gün hut ariler dünýäsinde dünýäniň birinji dini bolan otparazçylygyň emele gelendigi baradaky netijä geldiler. Olaryň ýaýran ýerlerine Merkezi Aziýanyň gadymy ekerançylyk welaýatlary, ilkinji nobatda bolsa Marguş Baktriýa we Bulujystan girýär. Awestada otparazçylyk bilen ýakyndan bagly iki taryhy welaýat Marguş (Mauru) we Baktriýa (Bahdi) barada ýatlanylyp geçilýär. Hut şu ýerde biziň eýýamymyzdan ozalky III müňýyllygyň ahyryndan başlap bir dilde gepleýän we bir dine uýýan, öz ybadathanalarynda birmeňzeş

hudaýlara çokunýan garyndaş taýpalar giňden ýaýrapdyr. Şu ýerde ýaşan adamlar öz merhumlaryny-da birmeňzeş däp-dessurlar bilen jaýlapdyrlar.

Marguşda we Baktriýada otparazçylyk dinini döreden jemgyýetiň bolandygyna şaýatlyk edýän arheologiki maglumatlar soňky ýyllarda toplanýar. Şu wagta çenli hindiarileriň öz hudaýlaryna açyk meýdanda ýa-da öýlerinde, ybadathanasyz, heýkelsiz, altarsyz çokunandyklary baradaky pikir umumylykda ykrar edilen hasaplanylýar. Marguşyň ybadathanalaryndaky belli altarlaryň hemmesi hem jaýlaryň içinde däl-de, açyk meýdanlarda ýerleşýär.

Gadymy marguşlylarda hem hudaýy aňladýan heýkeller bolmandyr. Bu öz-özünden düşnükli, sebäbi şol wagtlar hudaýlar bedensiz hasaplanypdyr, altarlar hem beýik bolmandyr, ol oturan adamyň gözüniň derejesinde gurlupdyr.

Ýokarda getirilen deliller Marguş ýurdunyň dünýäniň birinji dini bolan otparazçylygyň, mümkin ony esaslandyryjy Zaratuştranyň watanydygy baradaky pikirimize doly şaýatlyk edýär.

Dini maksatlar bilen beýikligi ýarym metre çenli bolan sütünler ulanylypdyr. Olar daşlaryň dürli görnüşlerinde ýonulyp mermer görnüşli hek daşyndan aýna ýaly edip ýylmanyp ýasalypdyr.

Kümüşden ýasalan gaplaryň içinde düýbüne iki örküçli düýäniň keşbi ussatlyk bilen şekillendirilipdir. Kümüş gap-gaçlaryň düýbüniň merkezinde ýönekeý bezeg bar we olaryň ählisinde gapdal duran iki örküçli düýäniň keşbi, ýaý şekilli üçburçlyk çekilipdir. Megerem, bu şekiller şol gaby ýasan zergäriň tagmasy bolmagy ähtimal?! Beýleki tarapdan, Awestanyň ýazgylaryndan çen tutsaň, düýe maly irki otparazlyk üçin iň hormatlanylýan haýwanlaryň biri bolupdyr. Onuň Zaratuştra-pygamberiň adynyň

düzümine girmegi ýöne ýerden däl bolsa gerek (Zaratuştranyň sözme-söz terjime etseň, ol “altyn düýeleriň eýesi” diýmegi aňladýar).

Gadymy marguşlylar haýwanlaryň ownuk süňklerini hem ulanypdyrlar. Guş süňkjagazlaryndan olar bizleri, deşik deşýän gurallary, hatda iňňeleri hem ýasapdyrlar, muny gadymy günorta Türkmenistanly taýpalar hem iş ýüzüne ornaşdyrypdyrlar.

Örän seýrek bolsa-da arheologlar pil süňkünden ýasalan zatlary hem tapýarlar. Bu ýerde pilleriň saklanmandygy sebäpli, bu materialyň alyslardan, ozaly bilen Hindistandan getirilendigi bellemeli. Bu bolsa gadymy marguşlylaryň hindi subkontinenti bilen söwda aragatnaşygynyň bolandygyny görkezýär.

“Togalak-21” tutuş ýurduň dini talaplaryny kanagatlandyrýan hakykatdan hem “Ruhanynyň Hudaýa çokunýan ýeri” bolupdyr. Uly ybadat baýramçylyklarynda bu ýere Marguşyň zyýaratçylarynyň uly akymy gelipdir. Umumy meýdany 1,5 gektara golaý bolan ägirt uly desgany gurmak üçin binagärler uly bolmadyk tebigy depäni saýlap alypdyrlar.

Togalak-21 ybadathanasynyň jaýlarynda saklanyp galan köpsanly daş sokularda, soky daşlarynda we gyrgyçlarda hem efedranyň we göknaryň galyndylary ýüze çykaryldy. Şu we beýleki köp maglumatlar Togalak-21 ybadathanasynda serhoş ediji dini häsiýetli içgileriň taýýarlanandygyna şaýatlyk edýär. Gadymy döwür üçin mahsus bolan bu ýagdaý dünýä arheologiýa işinde ilkinji gezek bellenilip geçildi. Taýýarlanan içginiň soňra ybadathanadaky däp-dessur dabaralarynda peýdalanylandygy äşgärdir.

Marguş döwletiniň dörän döwürlerinde dini ähmiýetli ybadathanalaryň toplumlary ýerleşipdir. Togalak-21 düýpli dini toplumyň uly ybadathanasydyr. Ol tutuş ýurduň dini talaplaryny

kanagatlandyrýan hakykatdan hem “Ruhanynyň Hudaýa çokunýan ýeridir”.

Tapyndylaryň arasynda şol döwürlere degişli bolan, dini äheňli erňegi dürli şekilli toýun gaplara duş gelmek bolýar. Marguşdan tapylan möhürler ýurduň ösüş derejesiniň ýokary bolanlygyny aňladýar. Sebäbi, Goňurda geçirilen gazuw işleri wagtynda Mesopotamiýada ýasalan silindr şekilli möhüriň tapylmagy bu zatlaryň gymmatynyň ýokary derejede bolanlygyny aňladýar. Möhürleriň köpüsi ýönekeý daşlardan: gumdaşdan, gematitden, seýrek halatlarda lazuritden we deoritden ýasalypdyr. Olar belli bir adam üçin niýetlenip, ýüzleri dürli senenamalar bilen senelenipdir. Olar dürli görnüşli bolup, haýwan şekilleri bilen hem baglanyşdyrypdyrlar.

Tapylan tapyndylaryň arasynda iki sany bürgüdiň gurnama şekili bar. Guşlaryň kelleleri hakyky ýaly görünýär. Olaryň ganatlary giňden gerilip dur, aýaklary göwrelerine gysylan, penjeleri mäkäm gysylan. Onuň faýansdan we gipsden ýasalan bölekleri agaç esasa berkidilen. Guşlaryň ganatlaryny we guýruklaryny tebigy görnüşde şekillendirmek üçin, ýukajyk faýans plastinkalary, gapdallaryna bolsa ýukajyk altyn folgadan tolkun görnüşleri jäheklenipdir.

Marguşdan tapylan tapyndylaryň arasynda köpsanly gelin-gyzlaryň gymmatbaha şaý-sepleri ýagny, altyndan dürli daşlar bilen bezelen monjuklar, bilezikler, saç ildirgiçleri şeýle hem müşk-anbar salynan bürünç gutujyklaryň birnäçeleri tapyldy. Bu bolsa şol döwürlerde hem türkmen gelin-gyzlary öz gözelliklerine üns berendiklerini alamatlandyrýar. Şol döwrüň zergärleriniň örän inçejik ussatlyk bilen ýasan şaýlary biziň günlerimize çenli gelip ýetipdir.

Marguşlylar mis şaý-sepleri hem ýasapdyrlar. Meselem, şol şaý-sepler iňňebagjyklar, bezeg monjuklary bolupdyr.

Mazarlardan tapylan tapyndylara görä, aýallar o dünýä her hili mis şaý-sepler, şol sanda kinniwanja kosmetiki çüýşejikler bilen ugradylypdyr, olaryň içine köplenç kosmetikany salmak üçin mis taýajyklar applikatorlar salnypdyr. Şeýle çüýşelerden birini Bernlidäk (ABŞ) Uniwersitetiniň laboratoriýasynda öwrenilende pudrany ýatladýan külkäniň galyndysydygy ýüze çykarylypdyr.

Ýerli zergärler kümüş we altyn önümlerini ýasamagy hem başarypdyrlar. Şeýlelikde, arheologlar guburlardan düwlen ýumruk ýa-da tersine, açylan aýa görnüşindäki güberçek iňňebagjyklary tapypdyrlar. Edil şoňa meňzeş zatlar Baktriýadaky mazarlardan hem tapylypdyr, olar güberçek guş we haýwan şekilleri bilen bezelipdir. Has barjamly marguşlylar ýerli zergärlere altyn şaý-sepleri buýrupdyr. Bu bolsa, mazarlardan tapylan monjuklarda kiçijek ýylanyň kelleleriniň sallanyşyp durmagy subut edýär.

Bürünçden ýasalan kosmetiki çalgyjyň ýatan göläniň şekilini aňladýan bürünç iňňebagjygyň ýüzüne ýukajyk kümüş çalynypdyr. Demir uçly iňňebagjygyň kellejigini lazuritiň we pöwrizäniň ýaprajyklaryndan ýasalan gül şekilli bezeg emele getirýär, oňa bolsa altyndan ýasalan uly ýarymaý we sekizburçly ýyldyz berkidilipdir. Ýaprajyklaryň arasynda geçmişiň ussatlarynyň sünnäläp döreden dag geçisiniň we ýolbarsyň iňňän kindiwanja şekilleri dur. Altyn, hakyk we lazurit monjuklaryndan düzülen uly dür tapyldy. Olar 14 sany üstaşyr deşijegi bolan altyn bölüji plastinalaryň içinden geçirlip sapaga düzülipdir. Iki sany öküziň şekili bolan erkek adamlaryň döşüne dakylýan bezeg kümüşden sünnälenip ýasalypdyr, onuň göwresi, gözleri we guýrugy pöwrize, hakyk we lazurit daşlary bilen bezelipdir. Aýal maşgalalarynyň boýnuna dakynan monjuklary hem şol daşlardan düzülip her monjugyň iki tarapyndan sapak geçýän deşijeklere büründen ýasalan berkidijiler goýlupdyr.

Bir söz bilen aýdanyňda, marguşlylaryň medeni, ykdysady we etniki gatnaşyklary düşündirşe mätäç däl. Olaryň üsti bilen diňe täze tapyndylar arkaly doldurlyp we açyklanylyp bilner.

## Antika medeniýeti we sungaty

Türkmen milletiniň taryhynyň we medeniýetiniň Garaşsyzlyk ýyllary içinde dünýä medeniýetiniň ösüşine uly täsir eden gadymy siwilizasiýalaryň ajaýyp ýadygärlikleri türkmeniň şöhratly geçmişiniň taryhyny görkezýär. Gadymy Merw, Köneürgenç we Nusaý umumyadamzat gymmatlygy hökmünde UNESKO-nyň, Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizildi.

B.e.öňki 544-539-njy ýyllarda Ahemeni döwletiniň - düzümine giren, soňra Aleksandr Makedonlynyň aralaşmagy bilen, grekleriň-selewkileriň täsirine düşen Günorta Türkmenistanly kowumdaşlary bilen gelmişeklere garşy harby söweş birikmelerini döreden Tünüderýaly-Garagumly türkmenler, parnlaryň serdary, Parfiýa şalarynyň nesilbaşy Ärsagyň ýolbaşçylygynda Günorta Türkmenistanda b.e.öňki 247-nji ýylda beýik Parfiýa Türkmen döwletini gurýarlar.

Patyşalyk nesilbaşy Ärsak güýçli döwlet gurup, ýurdy üstünlikli dolandyrypdyr. Parfiýa patyşalygy 470 ýyldan gowrak, ýagny b.e.öň III asyr - b.e.III asyrynyň başlaryna çenli dowam edipdir.

Parfiýa patyşasy Mitridat I-iň kelle heýkeliniň bölegi, oglanyň we şlemli esgeriň kelle heýkeli toýundan ýasalyp, ellinistik medeniýetiniň çylşyrymly usulynda hakyky reňkde ýasalyp, olar ýüzýyllyklarda öz şekilini ýitirmändirler.

Täze we Köne Nusaý galalarynyň ýerleşen ýerleri galalaryň diwar bezegleri bolup hyzmat eden keramikadan ýasalan, dürli şekiller bilen bezelen metopalar, diwaryň iç ýüzüne tebigy boýaglar

bilen reňklenen diwar bezegleriniň şekilleri, ownukly-irili bürünçden, aýnadan, kümüşden, keramikadan ýasalan durmuş hajatlary üçin ulanylan gap-gaçlaryň dürli görnüşleri Parfiýa döwleti döwründe türkmeniň taryhynyň ösendigine şaýatlyk edýär.

Rodogunanyň heýkeli we uzyn köýnekli Afinanyň keşbine meňzeş heýkel antika sungatynyň ajaýyp nusgalarydyr. Heýkeller ak mermerden we çal daşdan utgaşdyrylyp ýasalypdyr. Rodogunanyň heýkelinde çuň psihiologiki gaýgy-hasraty we ýeňşe bolan berk ynamy görkezilipdir. Rodoguna Parfiýa şasy Mitridat I-iň deňi-taýy bolmadyk gözel gyzy hem-de Parfiýanyň goşunlaryny söweşe alyp giden talantly esgeri bolupdyr. Şahyrlar onuň hormatyna gazallar düzüpdirler, onuň keşbi Parfiýa şalarynyň möhürleriniň ýüzüne geçirilipdir.

Köne Nusaýda Parfiýa patyşalarynyň hazynasyndan tapylan kümüşden ýüzüne altyn çaýylyp ýasalan başy beýik tuwalgaly, eli mizan terezili Afina Polladanyň, aýal kelleli, göwüsli, çapyp barýan Sfinksiň, Erodyň şekilleri berlen heýkeljikler Parfiýa medeniýetiniň we sungatynyň örän inçeligini görkezýär.

Täze Nusaýyň şäher galasynyň içinde gara reňkler bilen ýazgy ýazylan uly gaplaryň bölekleri tapylýar. Tapylan ýazgy arheologik maglumatlar boýunça parfýan döwrüne degişli bolup, olaryň dili parfýan dili bolmagy ähtimal. Ýazgylar hojalyk resminamalary hökmünde ulanylypdyr.

Gadymy Nusaýyň genji-hazynasy hasaplanýan piliň süňkünden ýasalan ritonlar türkmeniň milli baýlygy we buýsanjy hasaplanýar. Häzirki döwürde dünýäde tapylan ritonlaryň arasynda parfiýa ritonlary öz görnüşleriniň kämilligi, ýerine ýetirliş usulynyň deňsiz-taýsyzlygy, bezeg işleriniň çeperçiligi boýunça aýratyn orun eýeleýär. Olar dünýä medeniýetiniň ajaýyp nusgalarydyr.

Parfiýada senetçilik we söwda ep-esli derejede ösüpdir. Özüniň demir we polat önümleri bilen meşhur bolan Mary

senetçiligiň has uly merkezi bolupdyr. Margiananyň demri Türkmenistanyň çäklerinden daşarda hem şöhratlanypdyr.

Parfiýada şäherleriň we söwdanyň ösmegine Türkmenistanyň üstünden geçýän Gündogar bilen Günbataryň aralygyndaky “Beýik ýüpek ýoly” diýilýän söwda ýoly ýardam edipdir. Alymlaryň maglumatlaryna görä, täjirleriň kerwenleri Hytaýdan Amul (häzirki Türkmenabat şäheriniň ýerinde) şäherine gelip, ol ýerden Mara, Sarahsa we Demirgazyk Eýranyň üsti bilen Ortaýer deňziniň Gündogar ýakalaryndaky şäherlere çenli baryp ýetipdirler. Bu ýagdaý bolsa Günorta Türkmenistanyň ykdysady taýdan ösmegine düýpli itergi beripdir. Amul, Mary we Parfiýa patyşalygynyň paýtagtlarynyň biri bolan Nusaý Günorta Türkmenistanyň iň uly şäherleri bolupdyr.

Parfiýa goşunynyň özeni boýdan-başa demir sowut geýnen atly goşundan ybarat bolupdyr. Demir plastinkadan edilen sowutlar söweş atlarynyň-da bedenini örtüpdir. Parfiýanyň maryly ýarag ussalary tarapyndan ýasalan harby esbaplary özleriniň ýokary hili bilen Grek we Rim ýazyjylaryny haýran galdyrypdyr. Olar parfiýalylaryň ýyndamlygy we çydamlylygy bilen rimlileri haýran eden atlaryny hem öwüpdirler. Ol atlary häzirki ahal-teke atlarynyň ata-babalarydyr diýip hasap etmäge doly esas bar.

Gazuw agtaryş işleri ilki bilen Köne Nusaýda geçirilýär, soňra bolsa Täzede, şonuň üçin halk arasynda Täze Nusaý ady bilen belli bolýar. Täze Nusaýda b.e.öň. XIX asyra çenli durmuş dowam edýär.

Parfiýa döwründe Täze Nusaý gönüburçly diňleri bolan, iri çig kerpiçden, ýerli medeniýete mahsus, gadymy binagärçilik däpleri esasynda gurlan, galyň diwarly şäher bolupdyr. Onuň günorta böleginiň içinde döwlet-dolandyryş binalary, döwletiň galla we çakyr ammarlary, aýry-aýry jaýlar bolan içki galasy ýerleşipdir. Şäher etegini bolsa bag-bakjaly üzümli howlylar gurşap alypdyr.

Täze Nusaýdaky ybadathana uly bolmadyk platformada salynýar. Ol gönüburçly görnüşde bolup, agaçdan sütünleri bolupdyr. Öň ýüzünde 12 sany sütüni bolupdyr. Ybadathanaň diwarlary 2 gata bölünýär. Aşaky bölegi-sütünli, ýokarkysy-tutuş diwar. Ýarym sütünler iň ýokary bilen bezelipdir. Ybadathanada binagärçilik we Orta Gündogarda ýakyn gurluşyk esbaby mermer däl-de, çig-mal agaç bolup, eýwany milli binagärçilik äheňinde salynypdyr.

Wagt geçdigiçe, ybadathanaň ýakynynda parfiýan han-begleriniň mazarlar toplumy döredi. Bu mazarlaryň içinde dürli baýlyklar (gymmat baha zatlar) tapylyp, adamlar gümmezli guburda içi suwalan we açyk-gyzyl reňke boýalan jaýda jaýlanypdyr. (G.A.Pugaçenkowa. Iskusstwo Türkmenistana, Moskwa, 1967ý.).

Köne Nusaý ilki Ärsaklaryň rezidensiýasy bolup, ony esaslandyran Mitridat I ady bilen-Mitridat kert diýen ady aldy. Nusaý tebigy baýyrlykda ýerleşip, 15 gektar meýdany tutup, 43 sany diňden ybaratdyr. Şäherçäniň demirgazyk böleginde gurluşyk jaýlary, şa hazynasy saklanylýan-ambar, çakyr saklanýan jaýlar, ýönekeý halk üçin ýaşaýyş jaýlar ýerleşipdir. Bu ýerde inedördül jaý bolupdyr. Jaý b.e.öň. II asyrda salnan. Ony ärsaklaryň neberesine degişli bolan dini esbaplary saklamak üçin gurlupdyr. Inedördül we tegelek zallar köşgüň baş jaýlary bolupdyr. Inedördül jaý tagçaly, iki gatdan ybarat bolup, köşgüň zaly bolup hyzmat edýär. Köne Nusaýyň gurluşygy Mitridat I-niň patyşalyk eden döwründe amala aşyrylypdyr. Gazuw-agtaryş işleri wagtynda resminamalaryň birinden galanyň gadymy ady bolan Mitridatokert (Mitridatkirt) - “Mitridat şäheri” diýlip ýazylan ýazgy tapylýar.

Günorta tarapdan gümmezli we togalak 2 sany ybadathana birleşýär. Mermere derek Togalak zal üçin kerpiç, bişirlen toýun

ulanylypdyr. Bu zala togalak zal diýselerem, bu inedördül prizma görnüşini berip, üstünden silindr asylypdyr.

Antika sungatynyň ajaýyp görnüşiniň birem Afrodita Penoroždýonnyny ýatladýan, ajaýyp aýalyň şekilidir. Şeýle inçe psihologiki keşbi döredip bilen heýkeltaraşyň ussatlygy haýrana galdyrýar. Alymlaryň aýtmagyna görä parfiýan şasy Mitridat I gyzy Rodoguna bolmagy mümkin, parfiýan söweşlere äkidýän batyrgaý gyzdyr. B.e.öň. III asyryň awtory Filostrat Rodoguna barada şeýle gürrüň berýär:

Rodoguna bir söweşden soň şöhrat gazanýar. Üstlerine duşmanyň çozanlygy barada habar gelende Rodoguna başyny ýuwup durdy. Şol wagt ol saçyny ýygnap, duşmandan üstün çykanlaryndan soň başyny ýuwup gutarjakdygyny aýdyp, harby eşigini geýip, goşuny söweşe alyp çykýar. Söweşde duşmandan üstün çykyp, ol başyny ýuwup gutarýar.

Näbelli haýkeltaraşyň ýasan heýkeli Rodogunanyň batyrgaý keşbini, gazaply ýüzüni görkezmegi başarypdyr. Rodogunanyň meşgurlygy parfiýalylaryň möhürlerinde-de öz beýanyny tapypdyrlar.

Heýkeller - ajaýyp sungat eseriniň ýene-de biri uzyn köýnekli we egniniň üstünde berkidilen aýal hudaýynyň heýkelidir. Onuň ýüzi tegelek nurana keşbi, saçlary ýeňsesine ýygnalyp, giň lenta goýberilen. Eşiginiň görnüşi, saçynyň ýygnalyşy Afinaň keşbine meňzeş.

Toparlaýyn beden gurluşynyň galyndysy bolup erkek adamyň kellesi üstünde aýalyň eli goýlan. Onuň gür saçlary, pesiräk maňlaýy, gür murtlary, ýüzüne ýönekeý grek adamyň keşbini ýatladýar.

Akanta ýapragynyň şekili bilen inedördül zalyň sütünleri bezelipdir. Sütünleriň ýokarsy bezegli örtükler bilen bezelipdir. Bina bölekleri Togalak ybadathana gurluşygynda ulanylypdyr. Bu

ýerde kerpiçden dürli görnüşli tüpeň atylýan deşijekler ýa-da ýarymaý “lawr” görnüşli atmak üçin deşijekler görkezilen.

Uçlary ýokarlygyna edilip ýasalan ýarymaý şu jaýyň ybadathana degişlidigini, Gün hudaýyna (Ýu TAKE, 1 tom, 1949ý.) bagyşlanandygy görkezýär.

Dürli görnüşli we ölçegli humlar, küýzeler dürli maksatlar üçin ulanylandygyny aýdýar: bugdaý önümleri, suwuklyklar salnypdyr. Olaryň käbirinde möhürleriň bellikleri tapylýar. Uly küýzäniň ýüzünde atyň şekili çekilen möhür  tapylypdyr bu galyp awtoryň belligi bolmagy mümkin.

Parfiýaly ekerançylar bugdaý, arpa jöwen we süle ýaly dänelik ekinleri, künji we pagta ýaly ekinler ekipdirler. B.e.öňki II asyryň ahyrlaryndaky Hytaý ýazuw çeşmelerinde bellenilşine görä, parfiýalylar şaly eleýän eken. Gök-bakja önümleri bilen bir hatarda miweli baglar-da ýetişdirilipdir. Üzüm parfiýalylaryň iň köp eken miweli baglarynyň biri bolupdyr. Ony Parfiýada-da, Marginanada-da, Sumbarda-da ösdürip ýetişdiripdirler. Parfiýa patyşalygy döwründe günorta-gündogar we günbatar Türkmenistan ekerançylygy ösdürmäge şert döredýän uly irrigasion kanallar, suw desgalary gurlupdyr. Olar esasan hem Maşat-Misserian düzlüginde, Etrek derýasynyň boýlarynda köp eken. Parfiýa döwletiniň soňky döwürlerinde Günorta Türkmenistan suwuň ýetmezçiligi sebäpli suwarymly ýerler gazylypdyr we kem-kemden ekerançylygyň ähmiýeti pese gaçypdyr.

Parfiýa döwrüniň ilaty  maldarçylykda iri şahly we gara mallary idetmäge uly üns beripdir. Ol mallar ilatyň ete, süýde, gök önümlere bolan esasy islegini kanagatlandyrypdyr. Parfiýalylar düýedarçylyk we gylýalçylyk bilen-de meşhurlanypdyr. Köpetdagyň etekleri dünýä belli Ahal teke atlarymyzyň döräн ýerleriniň biri hasaplanýar. Düýeler, gylýallar, atlar şol döwrüň adamlarynyň esasy ulag serişdeleri eken.

Ýazuw çeşmelerindäki maglumatlara görä, parfiýalarda haly dokamak we deri eýlemek hem giňden ýaýrapdyr. Parfiýa halylary Rimde hem belli eken.

Parfiýalaryň hojalygynda hünärmentçilik we söwda uly orun tutupdyr. Küýzegärçilik, toýundan gap-çanak, hat-da nepis sungat önümlerini ýasamak ösüpdir.

Günorta Türkmenistanyň ýerleri öz döwründe uly meşhurlyga eýe bolan parfiýan medeniýetiniň mekany bolup dünýä medeniýetiniň taryhynda aýratyn orun eýelän parfiýa medeniýetiniň ýüze çykmagy we ösmeginde uly işler bitiripdir.

Köne Nusaýdan diwar nakgaşçylyk işleri hem tapylýar. Nusaýdaky gazuw agtaryş işleriniň netijesinde dürli kompozisiýalar tapylýar: "aýal kellesi" ol has uly göwrümde ýasalan, ol aýal keşbi däl-de, erkek adamyň kellesi bolmagy hem mümkin. Bu bölegiň üýtgeşikligi, kelläniň şekiliniň ýanynda düşündiriş ýazgysynyň bölekleri saklanyp galypdyr. Bu bolsa nusaý heýkeliniň grek suratkeşleriniň ýerine ýetirendigini görkezýär.

Sugunyň öňki bölegini görkezýän nusaý aýnasy sugunyň keşbi, kellesi yzyna atylan, boýny süýndürilen, aýaklary gaty ylgap barýan görnüşinde öňe okdurylan. Ýolbars kelleli plastinka, kümüşden edilip, altyn çaýylan we bürünçden erkek adamyň eşiginiň bölekleri bolup hyzmat edýär.

Köne Nusaýda diwar nagyşlarynyň bolandygy G.Pugaçenkowanyň kitabynda ýatlanylýar. Nusaý jaýlary bezelende seýrek nagyşlanýardy. Inedördül zalda çeperçilik bezeg ulanypdyrlar. Surat mineral reňkler bilen çekilipdir. Esasan ohra, kinewar, gurum we gips ýaly dürli mineral boýaglar ulanylypdyr. Diwar nagyşlarynyň esasy reňki gyzyl-sary-goňur bolupdyr. Nusaýyň Gümmezli zalynda diňe bir bezeg diwar nagyşlary tapylman, eýsem tematiki şekilli diwara çekilen surata hem duş gelinýär. Dürli hili çyzyklar we gyzyl üçburçluklar bilen bir hatarda

çarçuwaly örülen görnüşi hem duş gelýär, şeýle hem gök reňk giňden ulanylýar. Gümmezli jaýda has öňe çykarylan yyraň ýa-da çuň tagçasy bolupdyr, sebäbi köp sanly çüňkleri çarçuwalamak üçin ulanylýan bölekler tapyldy.

Parfiýa döwletiniň medeniýetiniň möhüm wakalaryndan biri hat-ýazwyň ýüzi çykmagydyr. Gynansak-da, şol hat elipbiý bitewiliginde bize gelip ýetmändir. Onuň nusgalary ilkinji gezek 1948-nji ýylda Täze Nusaýyň içki galasynyň günorta böleginde ýerleşen, hökümdaryň köşgi hasaplanan otagyň diwarynyň teýinden tapyldy. Soňra şonuň ýaly ýazgyly küýze döwükleri (ostrakonlar) Köne Nusaý galasynyň demirgazygyndaky binagärçilik toplumynda hem ýüze çykaryldy. B.e.öňki II-I asyrlara degişli şeýle resminamalaryň umumy sany 2,5 müň çemesidir. Edebiýatda bu hatlara "Nusaý arhiwi" ýa-da "Nusaý hazynalary" hem diýilýär. Gadymy Parfiýa haty arameý hatynyň bir görnüşi bolupdyr. Ol hat, megerem, Mitridat I döwründe ýüze çykandyr. Hat gara syýa bilen küýze döwükleriniň ýüzüne ýazylypdyr. Nusaý resminamalaryň dili ýerli parfiýan dil toparynyň birine degişli bolupdyr. Resminamalaryň aglabasynda döwletiň peýdasyna üzümçilikden alnan salgytlar barasynda gürrüň berýär. Soňra hasapçylaryň atlary-da görkezilipdir. Soňky ýyllarda Nusaýdan uny we gallany saklamak bilen bagly resminamalar hem tapyldy.

Ýaş ýigidiň toýundan ýasalan kellesiniň keseligine duran görnüşi grekleriňkä meňzeş ýüzli-siňregi, tüňňi burunly, buýra güri saçly, uly gözli owadan erkek adamyň sypaty görkezilen.

Köpsanly kümüşden ýasalan esbaplar hem Köne Nusaýdan tapyldy. Belki olar başga bir has uly zatlaryň ýa-da gap-gaçlaryň bölekleri bolmagy mümkin. Tapyndylaryň käbiri greklerden getirilen bolmagy mümkin, ýa-da parfiýa ussalarynyň guýma görnüşinde ellinistik ussahanalarda taýýarlanan bolmaly.

Kümüşden ýasalyp altyn çaýylan Afinanyň şekili millileşdirilen depesi gümmezli üsti örküçli şlemli we döşi belgili uzyn eşikli. Erot-Himerosyň enaýyja heýkeljiginde inçe duýgy siňdirilip, altyn gannally eljagazlaryny ýokaryk galdyryp duran, ýüzi gamgyn posolajyk çaga daraklygyna galyp dur. Grufonyň kümüşden şekili gönüburçlygyň üstüne ýerleşdirilipdir. Bürgüdiň heýkeljigi kümüşden edilip, altyn çaýylan. Gabyň aýagy suw perisi (sirena) görnüşinde.

Görnükli ritonlar toplumy bütin türkmen halkynyň guwanjydyr. Ol irki parfiýan gözelliginiň görnüşleri barada doly düşünje berýär.

Köne Nusaý galasynda tapylan meşhur şah görnüşli şirmaýy bulgurlar-ritonlar Parfiýa sungatynyň öz döwründe ýokary derejede bolandygynyň subutnamasydyr. Häzire çenli dünýäniň dürli künjeginden tapylan ritonlaryň arasynda öz görnüşiniň kämilligi boýunça-da, sünnälenen çeper bezegi boýunça-da Köne Nusaý ritonlaryň deňi taýy ýokdur. Bu bolsa olary dünýä sungatynyň iňňän ajaýyp nusgalarynyň hataryna goşýar. Pil süňkünden ýasalan Nusaý bulgurlary dürli hyýaly jandarlaryň: ganatly adam-öküziň, ganatly adam-atyň (kentawryň), ganatly guşuň, (grifonyň) şekilleri bilen bezelipdir.

Ritonlar suwuklyk içmek üçin şah görnüşli gap. Haçan, haýsy malyň şahynyň suwuklyk içmek üçin gap görnüşinde ulanylandygyny aýtmak kyn. Ýöne keramiki we metaldan ýasalan şah görnüşli önümler ýakyn gündogar dünýäsine degişlidigi bellidir. Müsür, Mesopotamiýa, Siriýa, Eýran (Zakawkazýede bolmagy mümkin) ýurtlarynda şah görnüşli gaplar şahdan däl-de başga çig maldan ýasalypdyr. Ritonlar antika döwründe köp asyrlar dowam edipdir. Ritonyň görnüşi gaty oňaýly bolmandyr. Onuň içi boşaýança ýerde goýubam, asybam bolanok. Şonuň üçin riton

çakyr bilen baglanyşykly bolup, diňe toýlarda we dini baýramlarda ulanylypdyr.

Nusaý ritonlarlarynyň aýratynlygy, onuň çig malynyň gymmatlygyndadyr (piliň süňki, çüýşeden ýasalyp, gymmatbaha metalla bilen bezelmegidir) we ajaýyp çeperçilik ýasalyşydyr. Her bir riton piliň gyýagyndan diňe bir burulyp deşilmän, eýsemde aýratyn ýörite saýlanan süňk bölekleriniň karkasa oturdylan görnüşinden edilen. Ritonyň bokurdagy, onuň aşagyndan giň frizi bolup, onuň üstünde ýüzüne çekilen çala galyp duran surat (barelýef), soňra ýylmanak sütün, ritonyň egrelýän ýerindäki sowma turba ýüzi akant ýapragy bilen bezelen we ol adam, haýwan, guş elementleri bilen utgaşýar. Ritony tamamlaýan şekil ýolbars şekilli ganatly we şahly grifonlar eýranlylaryň territoriýasynda ahemenid döwründen ýaýraýar, şol ýerden günbatara Gresiýa, gündogar Altaý skifine çenli çuňlaşýar.

Ritonyň bokurdagyndaky kelle heýkeljikleri bilen bezelipdir. Olaryň keşbi asuda şatlyk we gaýgy, azap we oýlanma häsiýetleri görkezýär. Ritonlardaky 12 sany dürli görnüşdäki olimpiýa hudaýjyklary (W.M.Masson, W.Y.Sarianidi “Karadumy zarýa siwilizasiýa”) has aýdyň görkezýär. Käbir ritonlarda toý sahnalary: ýaş çatynjalar, tansçylaryň, bagşylaryň, wäşileriň arasynda.

Ritonlar hojalykda ulanylmandyr. Olaryň ölçegi uly göwrümli we agyr, içi doldurylan ýagdaýynda bir elde göterip bolmandyr. Ondan başga-da ritonyň inçelýän gyrasyna kiçijek deşijegi bolupdyr. Şol deşijeklere turbajyklar goýulyp, şol turbajyklaryň üsti bilen çakyr içipdirler. (W.M.Masson, W.I.Sarianidi “Karakumy-zarýa siwilizasiýa”). Başga maglumatda deşijekler suwuklugyň göni agza ýa-da gabyň içine gönükdirilmegi üçin ulanylmaýar, sebäbi akýan suwuň akymy iki bölek, dürli ugurly bolup, dini dabaralarda ulanylypdyr (G.A.Pugaçenkowa “türkmenistanyň sungaty”).

Relýeflerinde Muzalary şekillendirýän grek görnüşdäki şekiller hem bar. Ritonlaryň birinde 10 muzalar çekilen, (Gresiýada olaryň sany 9 ýetýär), Gefestiň köpçüliginde görkezilen. Ellinizm döwründe muzalar diňe bir saz we edebi ruhy göteriji hökmünde däl-de, ylmyň hemaýatkärçisi bolup durýar. Nusaý ritonynda sowat bilim hemaýatçysynyň hudaýy (muzasy) görkezilýär. Olar toparlaýyn ikiden, üçden, ellerinde sowata degişli zatlar, tablisalar saklap duran ýagdaýda görkezilipdir.

**Kentawrly ritonlar -** Ritonyň frizinde ýaş nimfalaryň daşyny gurşap duran ýagdaýyndaky ajaýyp sahna görkezilen. Aw ýygnaýar, galanlary bolsa tutulan geçijikleriň aýaklaryndan we şahlaryndan saklaýarlar. (W.M.Masson, W.I.Sarianidi “Karakumy zarýa siwilizasiýa”).

Zoomorf tematikasy parfiýanlylaryň amly-haşam sungatynda uly orna eýedir.

Toýundan we ýanan toýundan edilen zatlar parfiýalylaryň harby eşiginde adam boýundan-da uzyn reňklenen heýkeller inedördül we togalak ikigat ybadathanasynda arheologlar tarapyndan tapyldy. Olar tagçaga goýulypdyr. Belki, olar şol wagtyň tanymal esgerlerine bagyşlanan bolmagy mümkin. Şular ýaly heýkelleriň ybadathananyň ikinji gatda goýulmagynyň sebäi, olaryň keşplerine, heýkellerine ýokary baha berilmegindedir. Ýarymgaraňky jaýda ýerleşdirilen heýkeller öz reňkine hasabyna ybadathana girýänlere ýokardan seredip, janly ýaly bolup görünýärdiler.

Köne Nusaýyň hazynalarynda köp sanly ýokary çeperçilik zatlary b.e.öň. II-I asyryna degişli saklanypdyr we inedördül jaý talananda ogurlanypdyr. Şol sanda olaryň aýaklary we gaplaryň ýokarky bölekleri, şekilsiz bölekleriň gulplary, çaýylyp zikkelenen zatlar. Belki, bu uly bolmadyk bölekler uly zatlaryňkydyr. Kümüş gulp akant ýapraklary bilen bezelen ritonlar ýalydyr, onuň bir

tarapynda goşa aýaklaryny epip duran toýnakly haýwanyň şekili bar. Şonuň netijesinde bu gabyň möçberiniň uludygyny göz öňüne getirip bolar. Bu harby pil-ol öz burnuny egreldip saz çalýar. Ony çapyksuwar ganatlaryny gaýdyryp, söweşe alyp barýar.

Bürgüt şekilli demir plastinalar gezekleşip gaýyş galkanyň daşynda agaç karkasyň üstünde ýerleşdirilen. Bu galkanyň galyndylary Köne Nusaýyň inedördül ybadathanasyndan tapyldy.

Köplenç riton ýaşaýjy ussalar kentawryň-adam atyň şekilini köp ulanýarlar. Kellesi gür saçly we sakally äpet pälwanyň göwresine oturdylan. Onuň bedeni atyň güýçli aýaklary bilen öňe okdurylyp barýan bedeninden çykyp, ganatlaryny yza atýar. Käwagt kentawryň eginlerinde kiçijek aýal oturyp, bir eli ýokary galyp ýumrugy düwülen. Ýüzi grekleriňkä meňzeş däl, tegelek aý şekilli gaşly kentawr milli grek-rim keşbinden öz ganatlary bilen tapawutlanýar.

Şeýlelikde, Nusaý ritonlary ellinistik we gündogar medeniýetleriniň birleşmegi aýdyň mysal bolup durýar. “Aziýalylaryň” häsiýeti aýratyn eşikleriň, saçlarynyň bejergisinde, bezeglerinde we ş.m. görünýär.

Parfiýa döwletiniň üstünden “Beýik ýüpek ýoly” geçipdir. Bu ýoluň bir ujy Hytaýdan gaýdypdyr, beýleki ujy Ýewropa ýurtlaryna ýetipdir. Ýoluň uzynlygy 7 müň kilometre barabar bolupdyr. Täjirleriň harytlarynyň uly bölegi hytaý ýüpegi, şol ýüpekden dokalan matalar eken. “Beýik ýüpek ýoly” diýilmeginiň sebäbi hem şonuň üçindir. Ol ýol köp döwletleriň arasynda dostlukly gatnaşygy hem ýola goýupdyr, Parfiýa döwletiniň gülläp ösmegine hem ýardam edipdir.

## Irki orta asyrlaryň medeniýetiniň taryhy

Mälim bolşy ýaly Garaşsyz we Baky Bitarap Türkmenistanyň orta asyr taryhynyň we medeniýetiniň gözbaşy biziň eýýamymyzyň III asyrynyň birinji çärýeginden - Gadymy Türkmen Parfiýa döwletiniň synmagyndan başlanýar.

Türkmenistanyň taryhy baý we buýsanarly derejededir. Gadymy müňýyllykdan köküni alyp gaýdýan Türkmen taryhy hemme döwürlerde hem özboluşly ösüşi bilen mälimdir.

Şeýle-de bolsa Türkmen döwletiniň iň ösen döwri orta asyrlar döwri diýip hasap edilýär. Orta asyrlar döwründe Türkmenistanyň ähli künjeklerinde ylym, medeniýet, sungat, söwda örän ýokary derejelerde ösen bolupdyr.

Türkmenistanyň günorta-gündogar böleginde täze dörän sasanylar döwleti (III-VII asyryň ortasy), demirgazygynda bolsa Horezm (Afrigitler) şalygy özleriniň agalygyny berkarar edipdirler. Orta asyrlar döwründe aslynda türkmenler duran döwletler döräpdir, ajaýyp ymaratlar bina edilipdir, milli mirasymyz - şaý-sepler, keramika, dokmaçylyk, aýdym-saz sungatymyz uly ösüşlere eýe bolupdyr, taryhymyzda ýagty yz galdyran şahsyýetler ýaşap geçipdir. Hezreti pygamberimiz Muhammet aleýhyssalamyň (570-633ýý.) yslam dinini yglan etmegi bilen musulmançylygy kabul edipdirler. Mundan başga-da beýleki dinler (zoroastrçylyk, buddaçylyk, manibeýçilik, hristiançylyk) hem belli bir derejede saklanyp galypdyr.

Şeýlelik bilen orta asyrlar III döwre bölünýär:

1. Irki orta asyrlar (IV-IX asyryň başlary).
2. Ösen orta asyrlar (IX-XIII asyryň birinji çärýegi).
3. Giçki asyrlar (XIII asyryň ahyry - XVI asyr).

Türkmen halky özüniň milli aýratynlygyny, özboluşlylygyny saklamagy başardy. Bulary XV asyryň ortasyndaky XVI asyra çenli aralykdaky saklanyp galan milli mirasymyz subutnamadyr.

Merwde resmi din otparazçylyk bolupdyr. Munuň ýaly-da Merwde hristiýanlaryň uly buthanasy ýerleşipdir. Hristiýan buthanasynyň galyndylary arheologlar tarapyndan Gäwürgalanyň günorta gündogar bölümçesinde açyldy. Merwde buddaçylyk jemagatlar hem bolupdyr. Gäwürgalanyň günorta günbatar burçunda üçünji asyrda bina edilen beýik ýadygärlik desgaly-diňli ybadathanasy hem ýerleşipdir. Diňi inedördül görnüşinde galdyrylyp, togalak göwreli bolupdyr we haçan-da bir wagt gümmeze eýe bolupdyr: baş direginde beýik merdiwan bolup, onuň golaýynda gazuw işleri mahalynda gadymyýetde guýlan Buddanyň uly heýkeliniň kellesi, şonuň ýaly-da budda ýazgylary ýazylan ajaýyp nagyşly küýze tapylýar. Has giçki diňiň galyndylary Gäwürgalanyň diwarlarynyň daş ýüzünde ýerleşipdir.

Orta Aziýa sebitiniň etraplarynda buddaçylygyň ýaýramagy gowşaýar we duş gelýän küýzegärçilik önümçiliginiň tapyndylarynyň düzüminde hindi häsiýeti däl-de ýerli-horasan şekiller döräp ugraýar. Bu hakynda 1962-nji ýylda Merwdäki budda stupasynda tapylan ajaýyp nagyşly küýzäniň şekillerinde çeper aýdylýar. Ol 5-6 a.a. agzy ýapylypdyr we sanskrit golýazmalar saklanypdyr. Bu küýze, öňden nämälim bolan sungatynyň görnüşi dogrusynda gürrüň berýär. Küýze nagşynda-bize mälim bolan ýagdaýynda bu ajaýyp nusga bilen Merwden we Horasandan tapylan nagyşly ossuariler bagly bolup biler.

Küýze durşy bilen nagyşlara beslenen. Küýzede şol döwrüň şahsyýetiniň bütin durmuşy şekillendirilen. Ýassyklara tirsegini berip düşegiň üstünde baş gahryman otyr, ýanynda bolsa aýal maşgala bar. Zenan maşgalanyň golunda güller, onuň bir golunda bolsa üzümli tabak, beýlekisinde bolsa haýsydyr bir nämälim närse

bar. Olaryň öňünde, görnüşi boýunça demirden küýze dur. Bu gürrüňsiz meýlisiň, ýa-da nikalaşmagyň sahnasydyr.

Ikinji sahna. Haýallyk bilen dabaraly at ýöräp gelýär. Atly güýçli hereketler bilen sülgüne çenäp ýaýyny çekdirýär, ýa-da bolsa towşan gaçyp barýar.

Beýleki iki sahnalar. Olar indi has gussaly. Gahryman keselli, pessejik düşegiň üstünde ýatyr, ýanynda bolsa oňa gollaryny uzadýan iki zenan bar, başynda bolsa, merhuma ant içýän ýaly bolup haýsy-da bolsa bir erkek adam dur.

Ine iň soňky sahna-haýsy-da bir adamlar gyzyl eşikli bolup merhumyň mata dolanan jesedini alyp barýarlar: hakykatdan hem, doly ömürdir.

**Türkmenleriň döwleti -** Oguz hanyň döwründen başlap Aziýanyň we Ýewropanyň ykbalynda ýagty taryhy yzy goýupdyrlar. Türkmen oguzlaryň galkynyşy taryhyň uzak dowamynda I asyrdan XIII asyra çenli bolup geçdi. Parfiýa döwleti, Gaznaly türkmenleriniň döwleti, türkmen-seljuklaryň imperiýasy we Köneürgenç türkmenleriň döwleti dünýäniň, taryhy-syýasy durmuşyna aýan täsirini ýetiripdirler, bu döwrüň medeniýetleriniň ykdysadyýetini we medeniýetini görlüp eşdilmedik derejä galdyrypdyrlar. Oguz türkmenleri özleriniň ilkinji döwletini bäş müň ýyl mundan ozal gurupdyrlar. Oguz ýurdunyň ýerleşýän ýeri, Köpetdagyň eteklerinde (Täk gala) Nusaýa, Änewe, Altyndepä çenli ýaýylypdyr we özüne bir tarapdan Hazardan Batha çenli uzalýan we beýleki tarapdan (tilden) wolgal durşuna Merwi, Köneürgenji, Jeýtun we Amyderýa aralygyndaky ikiderýalygy saýlap alypdyrlar. Oguzlar we Amyderýa aralygyndaky ikiderýalygy saýlap alypdyr. Oguzlar Hudaý bilen deňeşdirilýän Asmana ynanypdyrlar. Oguzyň şejeresi Nuh pygamberden başlanýar. Oguzyň kakasyna Gara han diýlipdir. Biz öz şejerämizi Oguz handan alyp gaýdýarys.

Gaznaly türkmenleriniň döwleti - dolandyran wagty 962-1186-njy ýyllar bilen senelenýär. Bu döwleti esaslandyryjy, Oguzhanyň uly agtygynyň nesil hasaplanylýar. Ol (Söbük tegin) 962-nji ýylda Gazna gelýär, bu ýerde türkmenleriň gaznaly döwletini döredýär. Gaznalylaryň dolandyran wagty Mahmyt Gaznawynyň ogly soltan Mesguty sekjuklaryň 1040-njy ýylda meşhur Daňdanakan soweşinde ýeňmegi bilen baglanyşýar. Seljuklaryň ygtyýaryna Horasan, Eýran, Köneürgenç, Mawerannahr geçýär.

Beýik Seljuk döwleti - 1040-1194-nji ýyllar Beýik Seljuklaryň dolandyran wagtydyr. Bu ýyllarda türkmen soltany Sanjar ýaşaýar, dolandyrýar we 1156-njy ýylda aradan çykýar. Mälik şanyň ogly Soltan Sanjar taryha beýik türkmen hökümdary, ylmyň we sungatyň howandary hökmünde girdi.

**Garahanly türkmenleriniň döwleti -** 840-1112-nji ýyllar. Döwlet ör adyny onuň hökümdary Gara handan alyp gaýdýar. Ol türkmen taryhyna yslamyýeti kabul eden ilkinji türkmen döwleti hökmünde girdi.

**Kiçi Aziýada türkmenler tarapyndan döredilen döwletler -** Alp-Arslanyň ogly Çagry beg 1071-nji ýylda Malargirt söweşinde ýeňip türkmenlere Kiçi Aziýa ýol açýar. Süleýman şa Koniýany we beýleki şäherleri basyp alýar. Anadolydaky seljuk türkmenleriniň döwleti 1308-nji ýyla çenli ömür sürýär. Türkmenler-seljuklar öz çäklerini Yrakda 1118-nji ýylda Soltan Sanjar tarapyndan goýlan Muhammet Tarakyň ýolbaşçylygynda giňelýärler. Hindistanda türkmenleriň döwleti döreýän, garagoýunly türkmenler 1512-nji ýylda we Ýemende 1445-nji ýylda çenli höküm süren döwletleri döredýärler.

**Beýik Osman imperiýasy -** 1299-njy ýyldan 1922-nji ýyla çenli höküm süren, türkmenleriň Beýik Osman imperiýasy.

XIII asyryň ikinji ýarymynda XVI asyryň başynda Kiçi Aziýa ýarym (Ýa-da Anatdiýada) täze döwlet türkmen Osman imperiýasy

döräp ugraýar. Türkmen seljuklardan soň ikinji Merkezi Aziýadan kiçi Aziýa türk göçüşliginiň akymy güýçli tatar mongol çozuşynyň ugry bilen baglydyr. Az sanly, ýöne uruşjaň türk taýpalary, mongollaryň berk häkimligi ýola goýup bilmedik ýerine Kiçi Aziýa gidipdirler. Bu ýerde Oguz-türkmenleriniň gaýy taýpasyndan Soltan Osman (1288-1324ýý). ady bilen birinji garaşsyz türkmen begi dolandyrypdyr. Onuň adyndan döwlet özüniň atlandyrylyşyny Osman imperiýasy adyny alypdyr. Ol ýedi ýüz ýyllap (1922-nji ýyla çenli) bir hem-de şol bir neberäniň dolandyrmagynda ýaşady, munuň ýalylyk dünýä taryhynda ýokdur.

Türkmenistanda orta asyrlar çeperçilik senetçiliginiň dürli görnüşleriniň ýokary ösüşi bilen bellenilýär. Ösýän üstünlikler bilen senetçilik önümleriniň-keramikanyň has giň görnüşleriniň çeperçilik bezegi başlaýar. IX asyryň ahyrlaryndan başlap gündogar ýurtlarynda keramikaçylaryň döredijilik gözlegleri syrçanyň açylmagy bilen baglanyşýar, has anygy, gaýtalanýan açyş bilen. Sebäbi aýdanyňda syrçany Parfiýanyň gap-gaç keramikasynda öňem bilipdirler we ulanypdyrlar. Syrça küýzegärçilik önümleriniň, diňe ýokarsynyň berkligini üpjün etmän, eýsem-de reňkiň girizilmegi bilen diýseň täze nagyş mümkinçiliklerini açýar, şunlukda syrça hem biräheňli reňklenşi hem polihrom nagşy jebis berkleşmäge mümkinçilik döredýär. Indi syrçaly gap diňe suwuklyk ýa-da iýmit guýgujy bolup hyzmat etmän, şeýle-de ajaýyplyk bolupdyr. Merwiň, Nusaýyň Abywerdiň we Dehistanyň keramikasy giňden ýaýraýar.

Ikbaşlaryň birnäçe görnüşlerini we keramika önümleriniň bölekleriindäki şekiller örän owadanlaşdyrylan, guşlaryň we haýwanlaryň tohumy dogrusynda diňe çaklap aýtmak bolýar. Köpetdag etek etraplarynda bu kepderiniň ýogyn göwresi, ýyrtyjynyň çüňki we kellesi hüpüjekli adaty guşdur: owadan mindal görnüşli guýrugynyň ýelekleri nagyşlar bilen işlenendir.

Merw önümlerinde geçiniň, kähalatlarda atyň-köplenç üsti adamly suratlary gabat gelýär.

Pyýalalar we tabajyklar açyk görnüşde, diňe haýwanlardyr guşlaryň däl, eýsem-de nagyşlanan arap hatlarynyň okalmasy kyn harplarynyň şekilleri bardyr. X-XI a.a. keramikasynyň esasy häsiýetli aýratynlygy, bu wagt-da giňden ýaýran nagyş görnüşli bolup biläýjek epigraf ýapraklarynyň peýda bolmagy hasaplanylýar. Esasan-da, ak düşegiň üstünde garamtyl goňur şeýle hem tersine ak reňkli garamtyl goňur düşekdäki kufi ýazgylary gabat gelýär. Kufi esasan-da, pyýalalaryň, tabajyklaryň we küýzeleriň diwarlarynda giň aýlawda ýygnanşykly ýerleşýär, pyýalanyň we gabyň diagonalynda inçe aýlawdadyr.

Uly tutawaçly bürünç gazanlar, olar oduň üstünde tutawaç-halkalar bilen asylypdyr diýip çaklanylýar. Gazanlarda arap ýazgysynda at, ýa-da bu gazany ýasanyň ady görkezilendir.

Şäsenem harabaçylygyndan tapylan XII asyryň bürünç gazanjygy, göwresinde inçe we giň aýlawda nagyşlar ýerleşdirilen Ýu.A.Rapoport boýunça, 1952-nji ýyl Şasenem harabaçylygyndaky garawlar. Gabyň eýesine uzak şöhratly, üstünligi we bagty, saglygy we häkimligi, hudaýyň rehimdarlygy tegelek nyşanlar bilen olarda swinksleriň ýa-da saga gidýän haýwanlaryň şekilleri bilen birlikde sözler-çagyryşlar bilen ýerleşdiripdir, uzyn boýunly guşuň şekili çekilen nyşan düýbüniň daşky tarapyny doldurýar.

I asyryň başlarynda Hytaý ýazuw çeşmelerinde Demirgazyk Türkmenistanyň welaýat merkezleriniň biri bolan Gürgenç ýa-da Ürgenç bilen deňeşdirilýän Ýuýe-gan şäheri gaýtalanylýar, gadymy we orta asyr düşünjelerine görä Horezm degişlidir.

Bu şäher has giçkiräk wagtlarda wajyp syýasy wakalar bilen baglylykda ýatlanylýar. Arap taryhçysy Ýakut (XIII asyr) tarapyndan Horezmiň baş şäheri Jürjan diýlip atlandyrylýar, ýerli halk bolsa ony Gürgenç diýip atlandyrypdyr. XIV asyryň taryhçysy

el-Omarda horezmlileriň myhmansöýerligi dogrusynda örän gyzykly maglumat bar. Onuň, çäklerine görä, eger-de bu ýurduň ýaşaýjylaryň ýolagçy gelse, olar onuň üstünde myhmanparazlykda beýleki adamlaryň pul toplamakda ýaryşlary ýaly, pul sowup ýaryşýarlar.

XIV asyryň belli arap syýahatçysy Ibn Batuda Köneürgenç hakynda şeýle ýazypdyr: Bu, ajaýyp barakly, giň köçeli örän köpsanly gurluşykly we özüne çekiji garaýyşly, ähmieýtli, owadan we dabaraly şäherdir.

Alymlar, eýýam VI asyryň ortalarynda bir tarapdan, ikinjiden bolsa Demirgazyk Eýran bilen Köneürgenjiň, ýygjam söwda gatnaşyklarynyň bolandygyny çaklaýarlar.

996-njy ýyla çenli Horezm 2, Günorta we Demirgazyk Horezme bölünýär. Günorta Horezmiň paýtagty-Kät, Demirgazygyňky-Ürgençdir (häzirki wagt-da Köneürgençjiň, çägi). 996-njy ýylda Demirgazyk Horasanyň hökümdary Mamun Muhammet bir döwlete birikdirdi, Horezme unwanyny alyp we Ürgenji paýtagyt etdi. Ürgenç alymlaryň şäheri hasaplanypdyr. Mamun ibn Muhammediň dogany mamun ibn Mamunyň dolandyran wagtynda (999-1017ýý). Berýniň, Ebu Aly ibn Sinan, alym-lukman Ebul Hasan Hammarañ we başgalaryň islän meşhur “Mamun akademiýasy” döredilýär. Şeýlelik bilen Gürgenç uly ykdysady we medeniýet merkezine öwrülýär.

XI asyryň ahyrynda Kutb ed-din Muhammet I täze beýik horezmşalar neberesini esaslandyrýar. Ala ed-din tekeş ibn il-Arslanyň (1112-1200) we onuň ogly Muhammet II (1200-1220 ý.ý.) dolandyran ýyllarynda uly gurluşyk işleri alnyp barlypdyr.

Horezmşa Ala ed-din Muhammediň dolandyran wagtynda Horezme Çingizhanyň ordalary dökülipdir. Çingizhan öz ogullary we 150-200 müň adamlyk goşuny bilen Horezm Muhammet II garşy ýöriş edipdir. Gürgenji (Ürgenç) dyza çökermeklik üçin

Çingizhan ogullary Juçyň we Jagataýyň ýolbaşçylygynda aýratyn topar iberipdir. 1221-nji ýyl Gurbansoltan aýynda Gürgenç, Çingiz hanyň uly ogly Juçyň eýeçiligine geçipdir. Soň şäher täzeden dikeldilipdir.

Altyn Ordanyň hany Örbegiň (1304ý) ölüminden soň, uzak bolmasa-da Gürgenç täzeden Horezmiň, paýtagty bolupdyr. 1372-1388-nji ýyllarda Teýmirler birnäçe ýörişler geçirip Gürgenji basyp alýar.

XVII asyrda hywalylar Köneürgenjiň hemme ilatyny Täze Ürgenje göçürýär, şondan soň köne şäherde ýaşaýyş togtaýar.

Ürgenç özüniň, ýokary ösüşine 1327-1336-njy ýyllarda Gutlug Teýmiriň dolandyran wagtynda ýetýär. Gutlug-Teýmiriň minarasy-Orta asyr Ürgençde Köneürgençden 2 km. günortalykda ýerleşýär. Ol gündogaryň binagärçiliginde has belli ýadygärlikleriň, hataryna girýär we külli musulman dünýäsinde beýikligi boýunça üçünji we orta Aziýada birinjidir. Gutlug Teýmiriň minarasy indi 100 ýyldan gowrak wagt bäri alymlary, binagärleri, arheologlary we taryhçylary özüne çekýär.

Minara, 64 metr beýiklikde harabaçylygyň merkezinde Törebeg hanymyň köpçülikleýin metjidine degişlidir. Metjitdäki ýaragynyň teksti minaranyň haçan gurlandygyny anyk bilmäge mümkinçilik berýär: bu 1320-1330-nji ýyllardyr. Minaranyň ýokarsynda haçan-da bir wagt, şol ýerden namaza çagyrýan ýeri gurlan aýnaly tüýnükden agaç höwürtgeler saklanyp galypdyr.

Minaranyň ýokarsyndaky tüýnüge ýeriň derejesinden 7 metr belentlikde ýerleşýän 145 sany aýlawly içki basgançaklar eltýär. Minaranyň konus şekili öz beýikligi boýunça şekilli kesmirli kerpiçden edilen dik “bantikler” bilen küşt tertibinde bölünip, goşalanan kerpiçden örülen on ýedi sany inli guşak zolagyna bölünipdir. Togalaklar bir-birinden dikligine goýlan kerpiç aýlawlary bilen bölünip aýyrlypdyr. Käbir ýokarky zolaklarda

“bantikler” mawy syrça bilen örtülipdir. Minara diňe bir weýran ediji uruşlary-da şonuň, ýaly-da tebigy betbagtçylyklary hem başdan geçiripdir we ürgenç mekdebiniň ussalarynyň adaty bolmadyk ýokary ussatlygynyň ajaýyp şaýadydyr.

XIV asyryň ortalaryndan Horezm doly diýen ýaly özbaşdaklygyny alan wagtynda, Ürgençde goňrat Sufylaklarynyň ýerli feodal neberesi dolandyrypdyr, Ürgenjiň meşhur Törebeghanym kümmedi bütin dünýäde şöhrat gazanan desgadyr. Bu jaýyň soňundan Törebeghanymyň özüni jaýlamak üçin hem uýgunlaşdyrlan bolmagy hem mümkindir.

Jaýyň içi altyburçly prima görnüşinde edilipdir, onuň gyralarynda äpişge deşikleri bolan çuň, depesi çüri egmeli tagçalar edilipdir. Kümmet örän owadan nagyşlanan we Horezmiň XIV asyrdaky binagärçilik-gurluşyk senagatynyň iň ýokary ösüşini aňladýar. Haçan-da bir wagt desga gök beýik üçburç gümmezli bolupdyr. Il Arslanyň kümmedi 4 hüjreli aýnaly 12 gyraň bilen örtülen. Orta Aziýa üçin seýrek hasaplanylýar. Muňa meňzeş gyraň gümmezli gurluşyk entek ýokdur. Kümmediň gurluşygy XII asyr bilen senelenýär. Horezmşa Il Arslan hökümdar Tekeşiň kakasy bolup, 1136-1172-nji ýyllarda dolandyrypdyrlar.

Soltan Tekeşiň kümmedi owadanlygy we seýrekligi boýunça Orta Aziýada başga oňa meňzeş ýokdur. Tekeşiň guburhanasy özüne okuň üstünde duran dört hüjreli inedördül desgany birleşdirýär. Kümmet Il Arslanyňky bilen deňeşdireniňde diňe bir ähmiýetli bolman, eýsem-de baş desganyň ägirt ululygydyr. Tekeşiň dolandyran wagty 1172-1200-nji ýyllar bilen senelenýär, ýadygärlik XII asyra degişlidir. Bu ýerde kitaphana metjit ýerleşipdir.

Grek-Baktriýa ussalarynyň numizmatik sungaty aýratyn üns berilmäge mynasypdyr. Teňňelerdäki patyşalaryň suratlary şu wagta çenli beýik hakykylygyň güýji bilen haýran galdyrýar. Olar

üçin möhür basmalary hakyky suratkeşler ýasap, olar şony görkezmegi başarypdyrlar. Teňňeleriň arka ýüzüni adatça şol döwletiň howandary grek panteonynyň dürli hudaýlary bilen bezäpdirler. Uly burunly, çuň, gözli, ýogyn boýunly we diademaly buýra saçly Ýewtidem patyşasynyň keşbidir. Arka ýüzünde eli serdesseli daşyň üstünde oturan ýaş we güýçli geraklyň keşbi. Başga bir teňňede şol bir keşpler, ýöne ýaşy ulurak adam. Arka ýüzünde sakgally Gerakl şekillendirilen we onuň serdessesi ýadaw ýagdaýda dyzyna goýberilen.

Ýewtidemiň ogly Demetriý teňňeleriň ýüzünde piliň kellesi görnüşli şlemde görkezilýär. Onuň güýji berk ýumulan agzy we kiçi gözlerriniň gazaply garaýşy arkaly görkezilen.

Basma (bezegli) gap-gaçlar gadymy Merw özüniň küýzegär ussalary bilen meşhur bolupdyr. Şäherde küýzegärleriň obalary ýerleşipdir. Galyplara guýlup çylşyrymly nagyşlar bilen bezelen gap-çanaklar aýratyn gyzyklanma döredýär. Bu gap-çanaklar taýýarlaýan küýzegärleriň sungaty geň galdyryjy täsinligi döretmän goýmaýar.

Bu kämil sungat mälim bolşy ýaly, nesilden-nesle, atadan-ata (kaka), atadan (kakadan)-ogla geçip, ýokary ussatlyk bilen ýerine ýetirilşi boýunça aýratynlanypdyr. Nagyşlaryň gaýtalanmaýan sazlaşygy tükeniksizdir. Umuman, olary gurluşy boýunça tapawutlanýan birnäçe toparlara bölmek bolýar: geometrik, ösümlik, epigraf ýazgyly we şekilli nagyşlara bölüp, olaryň öz aralarynda aýdyň araçäkliligiň ýokdugyny görmek bolýar. Toýun gap-gaçlar dürli şekillere eýe bolupdyrlar: relýef nagyşly, köp halatda tegelek medalionlar görnüşinde, guşlaryň haýwanlaryň şekilleri, söweşýän haýwanlaryň we ş.m. şekilleriniň sazlaşygy bilen bezelipdir. Toýun gap-gaçlaryň aşaky bölekleri bir-birini gaýtalamaýar, düýp- göter, aýratyn dürli nagyşlar kämil ussadyňka degişlidigini alamatlandyrýar.

**Dańdanakan -** Marydan 60 km. uzaklykda ýerleşýär. Bu kiçiräk Orta asyr şäher galasynyň bölekleri. Arheologik resminamalarynda Daşrabat şäherçesi diýlip hem atlandyrylýar. Şäheriň töwereklerinde kerwensaraýlar we senetkärleriň ýaşaýyş ýerleri ýerleşipdir. Bu uly bolmadyk berk şäher bolupdyr. Onuň berk harby ähmiýetli galasy bolupdyr. Murgap muňa degişli bolman, şäher suwy kärizlerden alypdyr.

Taryhda Dańdanakan söweşi 1040-njy ýylyň Magtymguly aýynyň 24-ne gaznalylar bilen seljuklaryň arasynda bolan aýgytly söweş bilen bellidir. Söweşde berk harby leşgerleri bilen üpjün bolan Gaznaly soltany Masudyň kellesi kesilip, Horasan Seljuklaryň eline geçýär. Şäher 1221-nji ýylda mongollar tarapyndan weýran edilýär.

"Beýik ýüpek ýoly" gadymyýetde we Orta asyrlarda iri medeniýetleriň güllemeginde, işewür gatnaşyklarynda söwda ýollarynyň ösmeginde uly ähmiýete eýedir. Hytaý täjirleri günbatardan haryt getiripdirler, olaryň esasy harytlary ýüpek matalary bolupdyr. Ýewropa üçin bu matalary taýýarlamagyň syrlary entek belli bolmandyr, sebäbi Hytaý ýüpek öndürijileri bu syry gizlin saklapdyrlar. Ýewropanyň bazarlarynda çaý, farfor, syrçalanan önümlerine giň isleg artypdyr, ýöne esasy haryt ýüpek bolmagynda galypdyr. Şonuň üçin bu kerwen ýoluna "Beýik ýüpek ýoly" diýip at beripdirler. Kartada Türkmenistandan geçýän esasy iki sany ýol görkezilen. Bir ýol Dehistandan başlap, Köneürgençden Özbegistana we Russiýa, beýleki ýol Sarahsdan başlap, Merwden Samarkanda we  Buhara çenli belli uly bazarlara ýetiripdir.

Änew galasy dogry däl süýnmek görnüşe eýedir. Onuň meýdany 9 gektara golaý Metjit Änew galasynyň günorta böleginde ýerleşen. 1947-nji ýylyň arheologik gazyşlary galanyň çäginden ep-esli uzalyp giden ýaşaýyş 9-10 asyrlarda gülläp

ösüpdir, gala XIII asyra çenli saklanan diwarlary bolup, ony beýleki şäherleriňki ýaly Çingiz hanyň permanyny ýerine ýetirip ýykypdyrlar. Şäherçe pese düşüpdir we diňe XV asyrda bu ýerde durmuş täzeden janlanyp başlapdyr. Şol döwürde metjit we galanyň ortasynda buzhana gurulýar.

Binanyň esasy girelgesindäki ýazgylarda şeýle sözler bar: "Jemalyň öýi" atlandyrylýan binanyň gurluşygy Jemal-ul Wad-diniň ogly Muhammediň hususy hemaýat ediji serişdesine gurulýar. Şeýle hem M.E.Masson tarapyndan b.e.öň. 1455-1456-njy ýyllarynda gurulandygy anyklandy. Bina 1456-njy ýylda Abul Kasim Baburyň hökümdarlyk eden döwründe galdyrylýar. Jemalleddin Şyh kim bolupdyr? Onuň mazarynyň üstünde ogly Muhammet beýik metjit gurdurypdyr. Alymlar tarapyndan bu at doly anyklanmady, ýöne bir zat belli Muhammet iki sany Teýmirler Soltany belli Abul Kasym Babur soňra, Soltan Hüseýin Baýkaraň döwründe görnükli wezirleriň biri bolupdyr. Demirgazyk Horasan we raýatlary aýratynam Nusaý bilen bagly bolupdyr. Jemalletdin Änewde doglan şonuň üçin hem ol Nusaýda däl-de Änewde jaýlanan diýip çaklanylýar. Metjidiň ýüz bezeginiň aýratynlygy täsin aždarhalaryň şekilleri bilen bezelipdir. Bu hyýaly haýwanlaryň reňki açyk sary, golaýyndan seretseň mozaýikadygy görünýär. Aždarhalar ösümlik nagyş alymlaryň köpüsi bu şekili hytaý aždarhalary bilen baglanyşdyrýar. Änew aždarhalary gürrüňsiz bu jandarlaryň hytaý suratçylyk eserlerini gaýtalaýar. Hytaýda sary aždarha döwlet tugrasy bolup hyzmat edipdir. Metjitde bolsalar olar iki sany. Hytaý aždarhalary Teýmirleriň Horasanda teýmirleriň musulman metjitlerinde çekilmegi örän geň Aždarhanyň şekilini çekmek temasy Orta Aziýa gündogarda ir wagtlardan bäri belli we halk döredijiliginde saklanyp galypdyr. Orta Aziýa aždarhasy iki esasy keşbe eýedir-daglaryň hazynalaryny goraýjy ýa-da suw bilen baglanşykly bolup, ýagyş ýagmagy

çagyrypdyr. Änew aždarhalary barada dürli rowaýatlar bar. Olaryň biri şeýle:

Gadym döwürlerde şu ýerde berk gala we şäher bolupdyr. Hökümdary aýal maşgala Jemal (beýleki pikir Seýit jemal) akylly we adalatly bolupdyr. Galanyň diwarynda metjidiň häzirki duran ýerinde agaç ösüpdir, oňa jaň dakylyp ýoldan geçip barýan ýolagça haýsy hem bolsa bir kömek gerek bolsa agajy silkeläpdir. Jaňyň sesine patyşanyň adamlary çykypdyrlar we gerekli kömeklerini beripdirler.

Bir gezek şäheriň ilatlary görülmedik güýjüň sesine howsala düşüpdirler. Dessine ylgap agajyň ýanyna barsalar ony äpet aždarha silkeläp duranmyş. Bagyrypdyr we hiç kime zeper ýetirmändir. Adamlara aždarhanyň bir zat soraýandygy düşnükli bolupdyr. Ol ýere Jemal hem gelipdir. Aždarha birdenkä daga tarap paltaly, pyçgyly ussalary görkezýär, şonda patyşa ussalara aždarhanyň yzy bilen gitmegi buýurýar. Olar aždarhadan gorkman onuň yzy bilen daga tarap gidýärler. Uzakda, dagda olar başga bir aždarhany, aždarhanyň aýalyny görýärler. Ol ölüm halynda ýatan eken. Görseler ol dag geçisini tutuşlygyna ýuwudypdyr we geçiniň şahlary bokurdagyna dürtülipdir, şeýlelik-de ony ne ýuwudyp, ne-de yzyny çykaryp bilmän bogulyp heläk bolup barýan eken. Batyrgaý adamlar aždarhanyň giň agzyna girip ýaňky şahy pyçak bilen kesipdir, beýlekisi bolsa geçiniň göwresini palta bilen çapypdyr. Şeýlelik-de aždarha geçini yzyna çykaryp, uludan demini alypdyr. Şonda hälki aždarha ussalary uly hazynadan doly gowaga alyp barypdyr we şol zatlary alyň diýip ümläpdir. Hazynany alyp ussalar göwni hoş bolup, öýlerine dolanypdyrlar. Ertesi gün şol galanyň ýaşaýjylary jaňyň gaty sesine oýanypdyrlar. Patyşa bilen bile haýatyň daşyna altyn we gymmatbaha daşlary getiren aždarhalaryň ikisinem görüpdirler. Ol zatlaryň patyşa aýalyň gapdalynda goýup olar dessine daga tarap gidipdirler.

Patyşa aýal bu sowgatlary alman, olary beýik metjidiň gurluşygyna harçlanagy buýrupdyr. Metjidiň ýüzüne aždarhalaryň keşbini ýerleşdirmegi buýrupdyr. Halk öz hyýalyna Änew metjidiniň girelgesindäki aždarhalaryň täsin keşbini şeýle göz öňüne getiripdir.

1948-nji ýylyň ýykgynçylykly ýer yranmasy Türkmenistanyň gadymy binalarynyň biri bolan Änew metjidini üýşmek kerpije öwürdi.

Günbatar Türkmenistan hem orta asyrlar döwrüniň ösüşinde uly orna eýedir. Orta asyrlarda Günbatar Türkmenistanda Dehistan ýa-da Maşady-Missirian ady bilen mälim bolan ösen döwlet bolupdyr.

Häzirki Etrek etrabynyň 90 kilometrlik demirgazyk-günbatarynda Maşadyň we Missirianyň habarçylygy taryhyň gözli şaýady hökmünde seleňläp otyr.

Dehisandaky ýadygärlikler, ýagny, galalar, rabatlar, minaralar, aramgähler, kümmetler, kerwensaraýlar, düşelgeler taryhyň uzak geçmişinden habar berip dur. Bu ýerde geçilýän gazuw agtaryş işleri köp täsinliklere göz ýetirmäge mümkinçilik berýär. Taryhdan habar berip duran ýadygärlikler özüniň gurluş aýratynlygy täsin, gaýtalanmajak görnüşi bilen haýrana goýýar.

Dehistan ýadygärlikleri diňe bir Türkmenistanda däl Merkezi Aziýada hem gaýtalanmajak sungaty bilen tapawutlanýar.

Dehistanyň gurluşy 2 bölekden Şähristandan we gala berkitmelerinden durýar. Galalar, ýagny, ösen Şähristanyň daşyna hökman gala berkitmeleri gurlup, ol hem 2 bölekden ybarat bolupdyr. Sebäbi, eger basybalyjylykly uruşlar bolaýan ýagdaýynda hem galalary saklamagyň ähtibarly bolmagy üçin şeýle edilipdir. Binagärçilik sungatynda binalar çig we bişen kerpiçlerden gurlupdyr. Ýokary ussatlyk bilen gurlan binalara özüne kybap gelýän bezeg işleri geçirilipdir.

Bu ýerdäki minaralaryň galyndylaryna seredeniňde muňa has-da aýdyň göz ýetirýärsiň. Häzirki wagtda beýik minaralaryň diňe 20 metr töweregi beýikligi saklanyp galypdyr.

Minaralar orta asyr binagärçilik sungatyna mahsus bolan guşaklar bilen bölünip ol guşaklar hem esasan araplaryň kufu ýazuw hatlary bilen bezelipdir.

Dehistan diýmek "dahlaryň ýurdy" diýmekligi aňladypdyr diýip taryhy çeşmelerde habar berilýär. Dehistanda ýaşaýyş IX-XIV asyrlarda bolupdyr. IX-X asyrlarda ýaşaýyş döräp, ösüp, XI-XII asyrlarda Dehistanyň hemme taraplaýyn iň ösen döwri bolupdyr. Soň XIII-XIV asyrlarda hem ýaşaýyş dowam edipdir.

Şu ösen döwürlerde Dehistanyň ýa-da Maşady Missirianyň hünärmençiligi, senetçiligi, söwdasy, ylmy, sungaty, medeniýeti ýokary derejede ösen bolupdyr.

Maşat-Misirian düzlüginde geçirilen gazuw-agtaryş işleri bu ýerde küýze, kerpiç bişirilýän küreleriň birnäçesiniň tapylmagy, hünärmentçiligiň ösendigine şaýat bolýarsyň.

Şol döwürlerde kerpiçleri bişirmek üçin 12 gün sarp edipdir. Şol peçlerde çig kerpiçleri 6 gün bişiripdirler, 6 gün bolsa peçi sowadypdyrlar. Şeýlelikde, 12 günüň dowamynda 600000 kerpiç taýýar bolupdyr. Türkmen döwleti bina gurmakda öz zähmetleri bilen taýýar edilen çig we bişen kerpiçleri peýdalanypdyrlar.

Kulalçylykda Türkmen halky öz gündelik durmuşynda gerek bolan gap-gaç önümlerini şol kürelerde bişirip taýýarlapdyrlar. Küýze önümleri ýylmanak we ýalpyldawuk görnüşde bolup, örän ýokary ussatlyk bilen ýasalypdyr we olar ýokary islegden peýdalanypdyr. Ýalpyldawuk keramiki önümler özüniň ýasalşy, bezelşi, owadanlygy bilen has-da tapawutlanypdyr. Onuň çig malyna kümüş we altyn garyndysyny goşupdyrlar. Şol taryndylar hem onuň öwşün atmagyna getiripdir. Olar bezelende arap hatlary

köp ulanylypdyr. Ol hatlar hemmä hoş arzuwlar aňladypdyr hem gözel bezeg beripdir.

Dehistanda söwda alyş-çalyş hem ösen bolup, oňa Türkmenistandan Beýik Ýüpek ýolunyň geçmegi uly täsir edipdir.

Ekerançylyk hem özboluşly derejede ösen bolupdyr. Maşat-Missirian düzlüginde suw ulgamlaryň, açyk we ýapyk howuzlaryň bolmagy muňa aýdyň mysaldyr.

Orta asyrlar Şähristany Dehistan ýa-da Maşat-Missirian geçmişde yz galdyran häzir hem köpüň ünsüni çekýän taryhy ýadygärlik şäher toplumydyr.

Orta asyr şäheri Dehistanyň ýüzi ýalpyldawuk önümleri örän köpdürli. Bu ýerde inçe we ýogyn bokurdakly ýalpyldawuk gaplar öndüripdirler. Ýalpyldawuk önümleriň her bir toplumy görnükli, çeper gyzyklanma döredýär. Dehistanyň haýwan şekilleri çekilen faýans önümleriniň arasynda towşanyň, ýolbarsyň, balygyň şekilleri duş gelýär. Onda esasy orun guşlara (ördek, gaz, guw, horaz) degişli bolup, olary ýaplak okaralaryň, küýzeleriň suratlarynyň arasynda jübüt ýa-da ýekelikde şekillendiripdirler. Çukur gaplarda, ýapyk we açyk gaplarda suwda ýüzýän guşlaryň şekili örän köp duş gelýär. Tapyndylaryň arasynda birnäçe haýwan şekilleri çekilen gap şekilli bölekler bar, olaryň bokurdagy horazyň kellesi görnüşinde gutarýar.

Seljuklar döwri (XII asyr) Merwiň gülläp ösen döwri bolup, ol aýratynam Soltan Sanjaryň döwründe (1158-1157 ý.ý.). Seljuklar döwletiniň merkezi şäheri bolýar.

Merwde Seljuklar döwründe ägirt gurluşyklar alnyp barylýar we onuň meýdany 1500-1800 ga. ýetipdir.

**Soltangalanyň merkezindäki Soltan Sanjaryň kümmedi**-iň gözel binalaryň biridir. Şu döwürde Merwi ajaýyp binalar-metjitler, medreseler, kitap öýleri (kitaphana), asman jisimlerini öwrenýän enjamly öýler (obserwatoriýa), kümmetler köşkler we şäheriň baý

adamlarynyň öýleri bezäpdir. Merw Orta Aziýanyň ajaýyp medeni merkezleriniň biri bolupdyr. Bu ýerde Omar Haýýam ýaly görnükli alymlar we şahyrlar ýaşapdyrlar. Olar Soltan abserwatoriýasynda has takyk astronomiki tablisany düzen Omar Haýýam, taryhçy şähyr Hasan Gaznawy, Enweri, arap geografiýaçysy "Ýurtlaryň sözlügini" düzen Ýakut we beýlekilerdir.

Soltan Sanjar 39 ýyl hökümdarlyk edipdir we ömrüniň soňky on ýylynda "ol dünýädäki gurmuş öýüni" kümmet gurmagy buýrupdyr.

Ymaraty garran döwürlerinde, ýagny, XII asyryň 40-njy ýyllarynda gurdurypdyr. Soltan Sanjar 1157-nji ýylda ölüpdir we mawzoleýde jaýlanypdyr. XVIII asyryň başlarynda Soltan Sanjaryň mazary mongol basypalyjylary tarapyndan talanypdyr, olar gizlenen baýlygy gözläpdirler.

Kümmediň günbatar tarapynda mongollardan öňki döwre degişli bolan Alynyň neslinden bolan Muhammet Ibn Zeýidiň kümmedi ýerleşýär. Muhammet Ibn Zeýit XVIII asyrda ýaşan bolsa-da kümmet 506-njy ýylda dikeldilýär. Hijri ýyly boýunça 1112-1114-nji ýyllarda.

XV asyrda Merwde ýaşaýyş täzeden direlýär. Şäher gülläp ösýär. XV asyr gurluşyklardan belli bolan iki girelgesi sütünli gurluşygy ashablaryň Bureýdy Ibn Al Huseýb we al Häkim Gifaryň mazarynyň başynda. Bular Muhammet pygamberiň kömekçileri, egindeşleri bolup, VII asyrda Merwde aradan çykyp Teýmirler döwründe olaryň mazarlarynyň başlarynda owadan kesme nagyş bilen bezelen gümmezli girelgeler galdyrylýar. Belli we ýeke-täk XVI-XVIII asyr ýadygärligi bu Hoja Ýusup Hemedanynyň metjididir. Bu ýerde 1048-1140-njy ýyllarda ýaşan belli dindar bolan şeýh Abu Ýakub Ýusup Hemedanynyň mazary ýerleşýär. Gülläp ösen döwründe Merwde millýonlarça ilat bolupdyr. Merwde şol döwürlerde bäş sany uly şäherler bolupdyr. Olar:

Erikgala, Gäwürgala Soltangala, Abdyllahhangala, Baýramlyhangala. Has gadymysy Erikgala bolup biziň eýýamymyzdan öňki birinji-müňýyllykda şäheriň ýaşaýşy gülläp ösýär. Gul eýeçilik döwründe Merwiň çäginde dörän ikinji şäher Gäwürgala hasaplanyp, ol takmynan b.e.öň. III asyra degişlidir. Ol ýerde metjit bolupdyr we onuň töwereginde hristian we buddist budhanalar tapylýar.

## Häzirki zaman medeniýet

Jemgyýetiň ruhy ösüşiniň, döwletiň medeniýet ugrunda alyp barýan syýasatynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işini kämilleşdirmegiň meselelerini hormatly Prezidentimiz aýratyn üns merkezinde saklaýar. Hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň döredijilik intelligensiýasynyň wekilleri bilen ýaňy-ýakynda geçiren taryhy ähmiýetli duşuşygy Beýik Galkynyş zamanasynyň taryhyna altyn sahypa bolup ýazyljak örän uly ähmiýetli waka boldy. Döwlet Baştutanynyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri, medeniýet we sungat işgärleri bilen geçiren täsirli gürrüňdeşliginiň barşynda täze taryhy döwrüň talaplaryna laýyk gelýän täze ideologiýasyny kemala getirmegiň, milli medeniýetimizi döwrebaplaşdyrmagyň wagty gelen wajyp meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Gözbaşyny gadymyýetden alyp gaýdýan Türkmenistanyň taryhy ynsan jemgyýetiniň düzýän halkylaryň geçmişinden durýan ähliumumylyk ýaly alamatlar bilen häsiýetlenýär.

Ýurdumyzyň baştutany Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan işleriniň netijesinde medeniýet ulgamynda hem uly özgertmeler amala aşyrylýar. Ata Watanymyzda örän uly ykdysady, medeni, ruhy ösüşler gazanyldy. Türkmen döwleti ykdysady taýdan berk kuwwata eýe boldy.

Döwlet derejesinde halkyň milli ruhunyň galkynmagy üçin ägirt uly işleri amala aşyrýar.

Köki alys geçmişiň bäş müňýyllyk gatlaklaryna siňip gidýän türkmen milletiniň baý taryhy bar. Türkmen halky bu günki gün Oguz han Türkmenden gözbaş alyp gaýdýan taryhynyň şöhratly sahypalaryndan özüne buýsanç, ruhy güýç alýar. Dünýäde ýaşaýan her bir halkyň özüne degişli aýratynlyklary, taryhy geçmişi bolup, olaryň özboluşly medeni mirasy bar.

Ýurdumyzyň baştutany Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan işleriniň netijesinde medeniýet ulgamynda hem uly özgertmeler amala aşyrylýar. Ata Watanymyzda örän uly ykdysady, medeni, ruhy ösüşler gazanyldy. Türkmen döwleti ykdysady taýdan berk kuwwata eýe boldy. Döwlet derejesinde halkyň milli ruhunyň galkynmagy üçin ägirt uly işleri amala aşyryldy we amala aşyrýar.

Jemgyýetiň ruhy ösüşiniň, döwletiň medeniýet ugrunda alyp barýan syýasatynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň, muzeýleriň işini kämilleşdirmegiň meselelerini hormatly Prezidentimiz aýratyn üns merkezinde saklaýar.

Ýurdumyzyň durmuşynda täze döwrüň başlanmagy, onuň Beýik Galkynyş eýýamy diýip atlandyrylmagy biziň öňümizde gaýry goýman çözülmeli örän wajyp wezipeleri, şol sanda Türkmenistanyň muzeýleriniň taryhyny öwrenmek meselesini goýdy.

Halkyň milli Galkynyşlar zamanasynda hormatly Prezidentimiz muzeýler meselesinde täzeçe, dogruçyl garamak bilen onuň işini döwrebap gurnamagy öňe sürýär. Muzeý toplumlarynda esbaplary ylmy taýdan işlemek, rejelemek, täzeden bejermek, muzeý toplumynyň sanyny artdyrmak işleri dowam etdirilýär. Muzeý gaznalarynda saklanylýan seýrek duş gelýän muzeý gymmatlyklary biziň milli guwanjymyzdyr.

Halkymyzyň medeni hem ruhy durmuşyny ösdürmek ugrunda alnyp barylýan syýasatyň esasy ugurlarynyň biri bolan medeni galkynyşy rowaçlandyrmak, kitaphanalaryň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak, döwlet býujetiniň hasabyna maliýeleşdirilýän kitaphanalaryň kitap gaznalarynyň üstüniň kitaplar we beýleki neşir önümleri bilen yzygiderli ýetirilip durulmagyny üpjün etmek maksady bilen kabul edilen bu karar kitapsöýüjileriň ählisiniň şatlygyna şatlyk goşdy.

Hormatly Prezidentimiz beýik Galkynyş zamanasynyň täze ideologiýasyny halkymyzyň aňyna siňdirmek kitabyň uly ähmiýete eýedigini turuwbaşdan öňe sürdi. Şoňa görä-de bu ulgamda uly işleri ýola goýdy. „Galkynyş“ kitap merkeziniň döredilendigini hem muňa şaýatlyk edýändir.

Ýene-de bellemeli zatlaryň biri hem şol duşuşykda Hormatly Prezidentimiz opera, balet, sirk, tans sungatyny dikeltmek hakda ýörite durup, sungatyň bu görnüşlerine ak pata berdi. Hormatly Prezidentimiziň sungata sarpasy sungata aşyk göwünleriň keşbiniň gaýtadan galkynmagyna getirdi. Beýik Galkynyş eýýamynda söz bilen işiň birliginiň hemme ugurda anyk netijä getirişi ýaly, milli opera sungatynyň ýurt Baştutanymyzyň sungaty ösdürmekdäki tagallalarynyň miweleridir.

# MAZMUNY

**Giriş** ........................................................ 7
**Irki medeniýetler** ........................................................ 14
**Türkmenistanyň medeniýetiniň taryhy barada umumy düşünje** ........................................................ 16
**Jeýtun, Namazga medeniýetleri döwrüniň taryhy** ........................................................ 19
**Änew, Garadepe medeniýetleri döwrüniň taryhy** ........................................................ 23
**Altyndepe medeniýeti** ........................................................ 26
**Bürünç eýýamynda medeniýet** ........................................................ 29
**Antika medeniýeti we sungaty** ........................................................ 40
**Irki orta asyrlaryň medeniýetiniň taryhy** ........................................................ 52
**Häzirki zaman medeniýet** ........................................................ 69
MAZMUNY ........................................................ 72